BIRLEŞEN
MILLETLER GURAMASY
TÜRKMENISTANDA




# 2020-NJI ÝYLYŇ NETIJELERI BOÝUNÇA ÝYLLYK HASABATY

# MAZMUNY


Birleşen Milletler Guramasynyň Hemişelik utgaşdyryjysynyň sözbaşy . . . 3

BMG-niň ýurt boýunça topary . . . 5

BMG-NIŇ ÖSÜŞ ULGAMYNYŇ ÝURTDAKY ÖSÜŞ BOÝUNÇA ESASY HYZMATDAŞLARY . . . 6

ÝURTDA WE SEBITDE MÖHÜM WAKALAR . . . 10

Umumy ýagdaýyň üýtgemegi (ykdysadyýet we jemgyýet, şol sanda COVID-19 pandemiýasynyň täsiri) . . . 11

Saglygy goraýyş we Covid-19 pandemiýasyna garşy durmuş-ykdysady çäreler . . . 12

Kadalaşdyryjy-hukuk binýadynda üýtgeşmeler . . . 13

Sebitleýin çärelere gatnaşmak . . . 14

ÖSÜŞ UGRUNDA HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY MAKSATNAMANYŇ ÜSTI BILEN BMG-NIŇ ÖSÜŞ ULGAMYNYŇ MILLI ILERI TUTULÝAN ÖSÜŞ UGURLARYNA GOLDAW . . . 15

Hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamanyň netijelerine syn . . . 16

HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY MAKSATNAMANYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY, AHYRKY WE ARALYK NETIJELERI . . . 20

HYZMATDAŞLYK GATNAŞYKLARYNY GOLDAMAK WE 2030-NJY ÝYLA ÇENLI DÖWÜR ÜÇIN GÜN TERTIBINI MALIÝELEŞDIRMEK . . . 43

BILELIKDE HAS KÖP WE HAS GOWY IŞLEÝÄN BMG-NIŇ GAZANAN NETIJELERI: BMG-NIŇ SAZLAŞYKLYGY WE NETIJELILIGI . . . 45

GEÇIRILEN IŞLERIŇ NETIJELERINIŇ SELJERMESI WE GAZANYLAN TEJRIBE . . . 49

MALIÝE ÝAGDAÝYNA SYN WE SERIŞDELERIŇ MOBILIZASIÝASY . . . 52

Maliýe ýagdaýyna syn . . . 53

Serişdeleriň mobilizasiýasy . . . 55

BMG-NIŇ INDIKI ÝYL ÜÇIN ESASY IŞ UGURLARY . . . 56

Goşundy. Görkezijiler boýunça öňegidişlik, 2016-2020-nji ýyllar . . . 59

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ HEMIŞELIK UTGAŞDYRYJYSYNYŇ SÖZBAŞY

Men, Birleşen Milletler Guramasynyň Hemişelik utgaşdyryjysynyň wezipesini ýerine ýetirijisi hem-de Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG arasyndaky 2016-2020-nji ýyllar üçin Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamany ýerine ýetirmek boýunça Milli Dolandyryş Komitetiniň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji hökmünde, BMG-niň bu Maksatnama boýunça 2020-nji ýylda alyp baran işleriniň netijeleri barada Ýyllyk hasabatyny Siziň dykgatyňyza hödürleýärin.

2020-nji ýylda BMG bilen Hökümetiň arasyndaky hyzmatdaşlyk «Türkmenistan – Bitaraplygyň Watany» atly ýylyň milli şygary astynda ösmegini dowam etdi. BMG-niň işjeň goldaw bermegi bilen Türkmenistan içerki we halkara arenada bitaraplyga degişli möhüm başlangyçlary durmuşa geçirdi.

2020-nji ýylyň 14-nji martynda BMG we Türkmenistanyň Hökümeti Durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar üçin Hyzmatdaşlygyň täze Çarçuwaly maksatnamasyna gol çekdiler (mundan beýläk hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnama ýa-da HÇM). Bu 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ugrunda Gün tertibiniň çägindäki Ileri tutulýan hyzmatdaşlygy tassyklaýan we berkidýän Ýewropa we Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji hyzmatdaşlyk ylalaşygydyr.

Durnukly Ösüş Maksatlary (DÖM) bilen doly sazlaşýan Hyzmatdaşlyk boýunça täze çarçuwaly maksatnama DÖM ýetmekde ýurduň ösüş zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin BMG-niň yzygiderli we hemmetaraplaýyn goldawyny göz öňünde tutýar. Hyzmatdaşlyk boýunça täze çarçuwaly maksatnama gol çeken BMG-niň guramalarynyň sanynyň 8-den 19-a çenli köpelmegi täze Çarçuwaly Maksatnamanyň wajyplygyny we Hökümetiň BMG bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak ugrundaky ygrarlylygyny görkezýär.

2020-nji ýylda Hökümet bilen alnyp barlan hyzmatdaşlygyň iň möhüm ugurlary bilelikdäki meýilnamalar arkaly COVID-19 pandemiýasy bilen baglanyşykly global töwekgelçiliklere bilelikdäki çäreleriniň taýýarlanylmagyny we olaryň durmuşa geçirilmegini öz içine aldy:

- Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň (BSGG) tehniki ýolbaşçylygy astynda BMG niň goldawy bilen işlenip düzülen we 2020-nji ýylyň 22-nji maýynda Hökümet tarapyndan tassyklanan, Türkmenistanda ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Meýilnamasy
- BMGÖM-iň tehniki ýolbaşçylygynda BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen we 2020-nji ýylyň 3-nji iýulynda Hökümet tarapyndan tassyklanan, Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasy.

Meýilnamalaryň ikisiniň-de durmuşa geçirilmeginiň çäginde biz hem maksatnamalaýyn hem-de maliýe taýdan goldawy bermekde epesli öňe gidişligi gazandyk. Türkmenistanyň ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etme-giň Meýilnamasynda göz öňünde tutulan çäreleriň aglaba bölegi 2020-nji ýylda durmuşa geçirildi. BMG we ösüş boýunça beýleki hyzmatdaşlar bu meýilnamany maliýeleşdirmek üçin ABŞ-nyň 2 million dollardan gowrak maýa goýumlar bilen üpjün etdi, Türkmenistanyň Hökümetiniň özleşdiren maýa goýumlary bolsa ABŞ-yň 46 million dollaryndan artyk boldy. Mundan başga-da, Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasyny 2020-nji ýylda durmuşa geçirmek üçin BMG, halkara maliýe guramalary (HMG) we Hökümet ABŞ-nyň 28,8 million dollaryna barabar bolan serişdeleri üpjün etdiler.

BMG maliýe serişdelerini çekmek üçin zerur utgaşdyryjy mehanizmleri döretmegiň we olary DÖM ýetmek hem-de COVID-19 bilen bagly meseleleriň çözgüdini tapmak üçin gönükdirmegiň möhümdigini belledi. Bu nukdaýnazardan, 2020-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň Maliýe we Ykdysadyýet ministrligi bilen bilelikde «DÖM-iň durmuşa geçirilişini maliýeleşdirmek: top-lumlaýyn milli maliýeleşdiriş mehanizmleriniň orny» atly halkara maslahatyň geçirilendigini bellemek gerekdir. Bu çärä BMG-den ýokary derejeli çykyş edijileri, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň, Owganystanyň we Azerbaýjanyň maliýe we ykdysadyýet ministrleri, ÝB-niň, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň, Halkara Maliýe institutlarynyň wekilleri (Bütindünýä Banky, HPG, AÖB, YÖB, ÝTÖB) gatnaşdy.

Bu çäre COVID-19 pandemiýasynyň durmuş-ykdysady täsirini azaltmak boýunça Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin BMG-niň ýörite maksatnamasyna (SPECA) agza döwletleriň arasynda

gepleşikleri we tejribe alyşmagy dowam etdirdi, şeýle hem bu çäreleri toplumlaýyn milli maliýeleşdiriş mehanizmleri (INFF) arkaly DÖM-i maliýeleşdirmegiň uzak möhletli maksatlary bilen baglanyşdyrdy. Gatnaşyjylar saglygy goraýyş, bilim, durmuş taýdan goramak pudaklaryny we deňsizlige garşy göreşi has netijeli maliýeleşdirmegiň zerurlygy ýaly bar bolan düzümleýin kemçilikleri aradan aýyrmagyň möhümdigini bellediler.

2020-nji ýylda maglumatlary ýygnamakda we alyş-çalyş etmekde möhüm ösüşler gazanyldy. BMG-niň guramalarynyň goldawy bilen köp görkezijili klaster barlagy (MICS) üstünlikli tamamlandy we ilkinji gezek gender zorlugy boýunça barlag işleri başlandy. Milli hasabatlar ýakyn wagtda global maglumatlar binýatlarynda öz beýanyny tapjak birnäçe DÖM görkezijileri boýunça BMG-niň degişli jogapkär edaralaryna gowşuryldy. Türkmenistan we BMG DÖM boýunça milli maglumatlar binýadyny döretmek ugrunda hyzmatdaşlygy dowam etdirdiler we Sendaý çarçuwaly maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine goşant goşjak tebigy betbagtçylyklaryň netijesinde ýitgiler barada maglumatlary ýygnamak we seljermek boýunça milli ulgamy güýçlendirmek üçin täze hyzmatdaşlyk ugruna başladylar.

BMG adam hukuklarynyň ileri tutulýan ugurlary boýunça Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirdi. Hökümet we BMG-niň guramalary Adam hukuklary boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasyny, gender deňligi boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasyny, ýaşlar syýasaty boýunça 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny we Hereketleriň milli Meýilnamasyny işläp düzmek we durmuşa geçirmek arkaly milli adam hukuklary mehanizmlerini güýçlendirmek üçin bilelikde işlediler. Şeýle hem BMG adam hukuklary boýunça Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilişi babatynda Türkmenistanyň Pudagara topary bilen Ileri tutulýan gepleşikleri ýola goýdy. Bu ýagdaý ileri tutulýan meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga we BMG-niň adam hukuklary mehanizmleriniň jemleýji bellikleriniň ýerine ýetirilmeginde Hökümete utgaşdyrylan goldaw bermäge mümkinçilik berdi.

Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň arasyndaky 2016-2020-nji ýyllar üçin Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi üçin umumy sarp edilen 77 million ABŞ dollary möçberinden Hökümetiň BMG bilen bilelikdäki maksatnamalara maýa goýumlary 23,6 million ABŞ dollaryndan gowrak bolandygyny belläsim gelýär. Mundan başga-da, soňky 5 ýylyň dowamynda ÝUNISEF-iň üsti bilen sanjymlary we uny baýlaşdyrmak üçin goşulýan premiksleri satyn almak üçin Hökümet 43,5 million ABŞ dollary sarp etdi.

Umumy bahasy 162 million ABŞ dollaryndan gowrak bolan 2021-2025-nji ýyllar üçin Hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamanyň täze maksatnama tapgyryny durmuşa geçirmek maksady bilen, BMG-niň düzümleýin edaralary we Hökümet şu güne çenli hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamany we BMG-niň edaralarynyň ýurt boýunça maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin bilelikde 58 million ABŞ dollaryna barabar bolan serişdeleri goýbermek barada ikitaraplaýyn şertnamalara gol çekdi. Türkmenistanyň hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamany bilelikde maliýeleşdirmek baradaky ýokarda agzalan borçnamalary, BMG-niň Türkmenistanda ösüş ulgamy bilen hyzmatdaşlykda ösüş maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi babatynda hökümetiň ýokary jogapkärçiligini subut edýär.

Işleriň netijeleri baradaky hasabat Siz üçin maglumat beriji, manyly we ylham beriji bolar diýip umyt edýärin.

Ýurduň durnukly ösüşine degişli Türkmenistanda alnyp barylýan işlere biziň hem gatnaşmagymyzy we bu ugurdaky tagallalarymyzy has-da gowulandyrmak üçin Siziň berjek bellikleriňize garaşýarys.

**Kristin Weýgand**

**Birleşen Milletler Guramasynyň Hemişelik utgaşdyryjysynyň wezipesini ýerine ýetiriji**

# BMG-NIŇ ÝURT BOÝUNÇA TOPARY




**BMG-niň ýerli wekilhanaly guramalary**

UNDP
World Health Organization
UNFPA
UNODC United Nations Office on Drugs and Crime
unicef
IOM UN MIGRATION

**BMG-niň ýerli wekilhanasyz guramalary**

UNHCR The UN Refugee Agency
ILO
FAO FIAT PANIS
UNITED NATIONS UNCTAD
UNECE
UNESCO
International Trade Centre
UNITED NATIONS HUMAN RIGHTS OFFICE OF THE HIGH COMMISSIONER
UNDRR The United Nations Office for Disaster Risk Reduction

**2016-2020-nji ýyllar üçin Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamanyň ahyrky ýylynda BMG-niň ýerli wekilhanaly we wekilhanasyz guramalarynyň on bäşisi 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň çäginde ösüşiň ileri tutulýan milli ugurlaryny durmuşa geçirmek babatynda milli hyzmatdaşlar bilen bilelikde işledi. Aşakdaky tablisada BMG-niň 2020-nji ýyldaky işlerine gatnaşan guramalarynyň sanawy berilýär.**

2020-nji ýylda Hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamany durmuşa geçirmek üçin BMG-niň Ýurt boýunça toparynyň (UNCT) täze düzümi döredildi. Ol 19 agentliklerden ybarat bolup, Çarçuwaly maksatnamanyň maksatlarynyň durmuşa geçirilmegini goldamak üçin hödürlenýän dürli mümkinçilikleri we işewürlik nusgalaryny öz içine alýar.

# BMG-NIŇ ÖSÜŞ ULGAMYNYŇ ÝURTDAKY ÖSÜŞ BOÝUNÇA ESASY HYZMATDAŞLARY









Türkmenistanda ösüş boýunça hyzmatdaşlaryň sanynyň azdygyna garamazdan BMG ösüş maksatly hyzmatdaşlygyny utgaşdyrmakda möhüm orny eýeleýär. 2016-2020-nji ýyllar üçin Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly maksatnamada beýan edilen hyzmatdaşlygyň gymmatlyklaryna we ýörelgelerine laýyklykda, BMG-niň Ýurt boýunça topary (UNCT) Hökümet we ýurtdaky ösüş boýunça hyzmatdaşlary bilen berk we ygtybarly hyzmatdaşlygy ýola goýdy.

BMG-niň Hemişelik utgaşdyryjysynyň ýolbaşçylygyndaky Ösüş boýunça hyzmatdaşlaryň utgaşdyryjy platformasy (DPCG), ösüş boýunça hyzmatdaşlaryň jemgyýetini we Hökümeti Türkmenistanda hereket edýän ösüş taslamalary barada habardar edýän möhüm platforma öwrüldi.

2020-nji ýylda BMG-niň hemişelik utgaşdyryjysy ösüş hyzmatdaşlaryna COVID-19 pandemiýasynyň durmuş-ykdysady täsirine seslenmek boýunça BMG bilen Hökümetiň bilelikdäki işlerine goşant goşmaga we ýurtda COVID-19 pandemiýasyndan soň dikelmek üçin «Öňküden has gowulaşmak» ýörelgesi boýunça çemeleşmeleri ara alyp maslahatlaşmaga çagyrdy.

Aşakdaky **1 suratda** infografikanyň kömegi bilen ösüş hyzmatdaşlarynyň we Hökümetiň DÖM ýetmek ugrundaky goşantlary görkezilýär (giňişleýin görmek üçin turkmenistan.un.org/tk/sdgs).

Ýokardaky suratdan görnüşi ýaly, Hökümetden daşary, ýurt derejesinde Global Daşky Gurşaw Gaznasy (GEF), AIW/AIDS we inçekesele garşy göreşmek boýunça global gaznasy, DÖM bilelikdäki gaznasy, Ýaponiýanyň we Angliýanyň hökümetleri Ösüşiň Gün tertibine esasy maýa goýujylaryň hataryna girýärler.

**Surat 1** **Türkmenistanda maliýe serişdeleriň, hyzmatdaşlaryň we durnukly ösüş maksatlarynyň utgaşdyrylmagy**




Çeşme: turkmenistan.un.org

Hökümet BMG-niň saglygy goraýyş, adam hukuklary, söwda, gümrük, DÖM ýetmegiň tizleşdirilmegi, bank hyzmatlary, statistika, döwlet gullugy we başga-da birnäçe ugurlarynda bilelikde maliýeleşdirmegi üpjün etdi.

Aşakda surat görnüşinde getirilen başga bir mysalda, 2020-nji ýylda Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi üçin BMG-niň düzümleýin edaralary bilen hyz-matdaşlyk eden Hökümetiň esasy hyzmatdaşlary kategoriýalara bölünýär, munda has köp sanly milli hyzmatdaşlary bilen me-ýilnamalary we çäreleri amala aşyrýan BMG-niň guramalarynyň sany görkezilýär.

**Surat 2** **BMG-niň guramalarynyň köpüsi bilen hyzmatdaşlyk edýän esasy on milli edaralar**

| | | |
|---|---|---|
| 10 | Bilim ministrligi | BMG-niň Ilat gaznasy, BMGÖM, ÝUNISEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, BMG, ÝUNESKO, BSGG, BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy, BMG-niň Betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça Edarasy, HMG |
| 8 | Mejlis | BMG-niň Ilat gaznasy, BMGÖM, ÝUNISEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, Ýewropanyň Ykdysady Komissiýasy, BSGG, BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy, HMG |
| 8 | Daşary işler ministrligi | HMG, BMGÖM, BMG-niň Ilat gaznasy, ÝUNISEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, BMG-niň Bosgunlar boýunça ýokary komissarynyň müdirligi |
| 8 | Statistika baradaky Döwlet komiteti | BMG-niň Ilat gaznasy, ÝUNISEF, Ýewropanyň Ykdysady Komissiýasy, BMGÖM, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, BSGG, BMG-niň Bosgunlar boýunça ýokary komissarynyň müdirligi, HZG |
| 6 | Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi | ÝUNISEF, BSGG, BMGÖM, BMG-niň Ilat gaznasy, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, HMG |
| 6 | Adalatçynyň Edarasy | BMGÖM, BMG-niň Ilat gaznasy, ÝUNISEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, BMG-niň Bosgunlar boýunça ýokary komissarynyň müdirligi, BMG-niň adam hukuklary boýunça ýokary komissarynyň müdirligi |
| 6 | Maliýe we ykdysadyýet ministrligi | BMGÖM, BMG-niň Ilat gaznasy, ÝUNISEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, BSGG, BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy |
| 6 | Demokratiýa we adam hukuklary instituty | ÝUNISEF, BMGÖM, BMG-niň Ilat gaznasy, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, BMG-niň adam hukuklary boýunça ýokary komissarynyň müdirligi, HMG |
| 5 | Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi | BMGÖM, BMG-niň Ilat gaznasy, ÝUNISEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy |
| 5 | Içeri işler ministrligi | BMGÖM, BMG-niň Ilat gaznasy, ÝUNISEF, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, HMG |

Çeşme: UNINFO

# ÝURTDA WE SEBITDE MÖHÜM WAKALAR



# 1 UMUMY ÝAGDAÝYŇ ÜÝTGEMEGI (YKDYSADYÝET WE JEMGYÝET, ŞOL SANDA COVID-19 PANDEMIÝASYNYŇ TÄSIRI)



Türkmenistan durmuş ugurly bazar ykdysadyýetine geçişini dowam etdirdi. Ykdysadyýeti diwersifikasiýa etmek we hususy pudagy ösdürmek esasy ileri tutulýan ugurlar bolup galýar. Milli derejedäki syýasat öňküsi ýaly iş orunlaryny döretmek, şol sanda oba ýerlerinde, we azyk howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, senagat we oba hojalyk önümçilik pudagyny ýaýbaňlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Global COVID-19 pandemiýasy sebäpli uglewodorod çig mallarynyň dünýä bahalarynyň birden pese düşmegi we üpjünçilik zynjyrlarynda bökdençlikleriň ýüze çykmagy Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýyna ýaramaz täsir etdi.

Resmi maglumatlara görä, 2020-nji ýylda **Türkmenistanyň jemi içerki önümi 5,9%** ösdi, bu hökümetiň çaklan 6.3%-den pes boldy, şol bir wagtyň özünde halkara guramalaryň çaklamalary resmi maglumatlardan ep-esli tapawutlanýar.

Bütindünýä ykdysady çökgünlik türkmen manadynyň pul kada-laşdyryşyna goşmaça agram saldy[1]. Ýurduň pul hümmetiniň kesgitlenen düzgüni daşarky sarsgynlaryň[2] täsirlerini peseltmek üçin ýeterlik maýyşgak däl we pul bazaryndaky wakalar ykdysadyýetde bahalaryň ýokarlanmagyna sebäp bolup biler.

Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýanyň çäklerinde, Türkmenistan milli derejede kesgitlenýän goşantlary anyklamak işlerine başlady. Türkmenistan **Kigali düzedişini tassyklady** we bu işi amala aşyran 101-nji tarap boldy.

1 http://www.oecd.org/coronavirus/policy-responses/covid-19-crisis-response-in-central-asia-5305f172/

2 Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş Bankynyň neşiri «Turkmenistan Diagnostic, by Hans Holzhacker and Dana Skakova», 2019-njy ýylyň maý aýy

# 2 SAGLYGY GORAÝYŞ WE COVID-19 PANDEMIÝASYNA GARŞY DURMUŞ-YKDYSADY ÇÄRELER




Global COVID-19 pandemiýasyna jogap hökmünde Türkmenistan esasan COVID-19 ýurduň çägine getirmegiň we onuň ýaýramagynyň öňüni almaklyga üns berdi.

Esasy guramaçylyk çäreleriniň arasynda howply ýokanç kesellere we **COVID-19 ýokanjyna garşy göreşmek üçin adatdan daşary epidemiýa garşy** toparyň döredilmegi boldy, onuň düzümine Hökümetiň agzalary, ministrlikleriň, pudak edaralaryň we ýerli ýerine ýetiriji guramalaryň ýolbaşçylary girýär, bu topar döwlet çärelerini utgaşdyrmak üçin Ministrler Kabinetiniň garamagynda hereket edýär.

Türkmenistanyň Hökümeti, BMG we beýleki ösüş boýunça hyzmatdaşlary bilen bilelikde global pandemiýa garşy çäre hökmünde birnäçe meýilnamalary işläp düzdi we durmuşa geçirdi, olardan:

- **COVID-19 Türkmenistanyň çägine getirilmeginiň öňüni almak boýunça toplumlaýyn çäreleriň meýilnamasy**, 2020-nji ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen tassyklanan;
- **Türkmenistanda ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Meýilnamasy**, 2020-nji ýylyň 22-nji maýynda tassyklanan;
- **Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasy**, 2020-nji ýylyň 3-nji iýulynda tassyklanan.

«Öňküden has gowulaşmak» ýörelgesi boýunça global pandemiýanyň täsirinden soň uzak möhletleýin dikeldişe bagyşlanan maksatnamalaýyn resminamalar hem kabul edildi, şol sanda:

- **Dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykan çylşyrymly ýagdaýlaryň ýurdumyzyň ykdysadyýetine ýetirýän täsirlerini peseltmek hem-de milli ykdysadyýeti durnukly ösdürmek boýunça** 2020–2021-nji ýyllar üçin Milli maksatnama;
- Türkmenistanda 2021-2025-nji ýyllarda **döwletiň gatnaşmagyndaky kärhanalary dolandyrmak we özgertmek boýunça strategiýa**;
- **Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň** 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy;
- Türkmenistanyň 2021-2030-njy ýyllar **üçin Daşary söwda strategiýasy**.

# 3 KADALAŞDYRYJY-HUKUK BINÝADYNDA ÜÝTGEŞMELER




2020-nji ýylda **Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk statusyna eýe bolandygyna 25 ýyl boldy**, şeýle hem ýurtda konstitusion reforma geçirildi.

Parlamentiň ýokarky we aşaky palatalary hökmünde Türkmenistanyň Halk Maslahatyndan we Mejlisden ybarat bolan milli kanunçykaryjy guramasynyň iki palataly ulgamyny girizmek maksady bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeleri girizýän täze Konstitusiýa Kanuny kabul edildi. Konstitusiýa girizilen üýtgetmeler 2021-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda güýje girdi we Milli Geňeş (iki palataly parlamentiň täze ady) saýlawlary 2021-nji ýylyň mart aýynda geçirildi[3].

2020-nji ýylyň awgust aýynda birnäçe kanunlar kabul edildi:

- bar bolan kanunlara üýtgetmeler girizildi, şol sanda
- Adatdan daşary ýagdaýda halkara ynsanperwer kömegi hakyndaky Kanuny
- Türkmenistanyň ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksi
- Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakyndaky kanuny
- Bilim hakyndaky kanuny we Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakyndaky kanuny.

Mejlis BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň (UNECE) transport boýunça konwensiýalarynyň altysyny tassyklady. Mundan başga-da, 2020-nji ýylyň **1-nji iýulynda raýat ýagdaýy baradaky täze akt güýje girdi**.

3 https://tdh.gov.tm/tk/post/26596/turkmenistanyn-milli-genesinin-halk-maslahatynyn-agzalarynyn-ilkinji-saylawlary-gecirildi

# 4 SEBITLEÝIN ÇÄRELERE GATNAŞMAK



Oňyn bitaraplyk we goňşuçylyk gatnaşyklary ýörelgesine esaslanyp, Türkmenistan sebitde energiýa howpsuzlygyny ýokarlandyrmak, aragatnaşyk mümkinçiliklerini giňeltmek we Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek baradaky başlangyçlaryny yzygiderli durmuşa geçirýär. Hususan-da, demir ýol, Owganystan bilen optiki-süýümli aragatnaşyk we elektrik birikmesi ýaly möhüm infrastruktura taslamalary durmuşa geçirildi.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Aral deňziniň krizisiniň durmuş-ykdysady we daşky gurşaw täsirlerini ýeňip geçmek boýunça sebitleýin we global tagallalaryň möhümdigini tassyklaтdy we halkara jemgyýetçiligini **BMG-niň Aral deňiz zolagy üçin ýörite maksatnamasyny goldamaga ýene** bir gezek çagyrdy.

BMG bilen hyzmatdaşlykda Türkmenistanyň hökümeti iki sany möhüm sebit gepleşiklerini geçirdi:

- DÖM maliýeleşdirmegiň uzak möhletli maksatlaryny göz öňünde tutup, COVID-19 täsirini peseltmek bo-ýunça dessin çäreleri barada pikir alyşmak üçin Mer-kezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin BMG-niň ýörite mak-satnamasyna (SPECA) girýän ýurtlaryny birleşdirýän **«DÖM durmuşa geçirmegi maliýeleşdirmek: toplumlaýyn milli maliýeleşdiriş mehanizmleriniň orny»** atly halkara maslahat. Maslahatyň jemleýji beýany BMG-niň Baş Assambleýasynyň 74-nji mejlisinde resmi nama hökmünde ýaýradyldy.

- Global pandemiýa döwründe ulag ulgamynda sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin **Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin BMG-niň ýörite maksatnamasynyň (SPECA) sebitinde ulag aragatnaşygyny güýçlendirmek boýunça Merkezi Aziýa gepleşikleri**. Sebitleýin geple-şikleriň netijeleri BMG-niň Ýewropanyň Ykdysady Ko-missiýasy (BMGÝYK) resmi namasyna öwrüldi.

# ÖSÜŞ UGRUNDA HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY MAKSATNAMANYŇ ÜSTI BILEN BMG-NIŇ ÖSÜŞ ULGAMYNYŇ MILLI ILERI TUTULÝAN ÖSÜŞ UGURLARYNA GOLDAW



# HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY MAKSATNAMANYŇ NETIJELERINE SYN

**Çarçuwaly Maksatnamasynyň çäginde BMG we Hökümet bäş Ileri tutulýan ugurda özara ylalaşylan sekiz netijäni gazanmak üçin hyzmatdaşlyk edýärler.**

COVID-19 pandemiýasy BMG-niň ýurtdaky maksatnamalarynyň durmuşa geçirilşine täsir eden hem bolsa, 2020-nji ýyl üçin meýilnamasynyň býujetinden 23,6 million ABŞ dollaryny başga ugra, ýagny durmuş-ykdysady ösüşe ýetirýän täsirini aradan aýyrmaklyga gönükdirilen durmuş-ykdysady çäreleriň meýilnamasyny (SERP) maliýeleşdirmek üçin gönükdirmäge mümkinçilik berdi. BMG durmuş-ykdysady çäreleriň meýilnamasyny (SERP) durmuşa geçirilmegini goldamak üçin goş-maça serişdeleri toplamak boýunça işjeň iş alyp bardy.

Sanly saglyk hyzmatlary, uzak aralykly bilimi, zenanlaryň telekeçiligini giňeltmek, ýaşlaryň gatnaşmagyny gazanmak we maýyplygy bolan adamlara goldaw bermek ýaly ugurlary maliýeleşdirmegiň teklipleri COVID-19 garşy we ondan dikelmek boýunça köptaraplaýyn hyzmatdaşly maksatlaýyn gaznasyna (COVID-19 RR MPTF), BMG-niň adam howpsuzlygy boýunça maksatlaýyn gaznasyna (HSTF) we Maýyplygy bolan adamlara ýardam bermek boýunça BMG-niň hyzmatdaşlyk gaznasyna (PFPRPD) hödürlendi.

Adatdan daşary ýagdaýlarda hereketleriň uýgunlaşdyrylmagy boýunça BMG bilen Türkmenistanyň hökümetiniň arasyndaky özara düşünişmek baradaky Ähtnamanyň we 2020-nji ýyl üçin bilelikdäki hereketleriň meýilnamasynyň çäginde köp sanly başlangyçlary kabul etmek bilen BMG tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmekde Türkmenistana goldaw berdi, şol sanda maglumat alyşmak we utgaşdyryş mehanizmlerini pugtalandyrmak, adatdan daşary ýagdaýlara seslenmek boýunça pudaklaýyn meýilnamalaryň we usulyýetleriň işlenip düzülmegi we kämilleşdirilmegi, betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek, adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlyk görmek we adatdan daşary ýagdaýlara garşy göreş düzgünleri boýunça okuwlaryň we maslahatlaryň geçirilmegi, şeýle hem Durnukly Ösüşiň 1-nji, 3-nji, 11-nji, 13-nji, 17-nji maksatlaryna ýetmäge ýardam bermek.

1 NO POVERTY · 3 GOOD HEALTH AND WELL-BEING · 11 SUSTAINABLE CITIES AND COMMUNITIES · 13 CLIMATE ACTION · 17 PARTNERSHIPS FOR THE GOALS

Maglumatlaryň hili we ösüşe gözegçilik diýen 1-nji Ileri tutulýan ugurda, BMG DÖM boýunça Milli iş toparynyň agzalary bilen işleşip, DÖM-niň milli maksatnamalara goşulmagyna ýardam bermegi dowam etdirdi.

Bu özara gatnaşyklaryň netijesinde

**28 sany DÖM görkezijileriniň** **14 sany milli strategiýalara** girizilmegi barada ylalaşyk gazanyldy, şol sanda

- Adam Hukuklary boýunça Hereketleriň milli meýilnamasy
- Reproduktiw saglyk, eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça Strategiýasy
- Ýokanç däl keseller boýunça Milli Strategiýasy
- Çaganyň irki ýaşdaky ösüşi boýunça Strategiýasy
- Iýmitleniş Maksatnamasy
- Raýat goraglylygy Maksatnamasy
- Tokaý hojalygy Maksatnamasy
- Sanly ykdysadyýet Strategiýasy we ş.m.





Hil taýdan ýokary, ilatyň ähli gatlaklaryny öz içine alýan durmuş hyzmatlary boýunça 2-nji Ileri tutulýan ugurda, has gowy hilli, inklýuziw bilimi ösdürmek boýunça BMG-niň goldawy mekdepden öň başlangyç we orta bilimde belli bir derejede ösüşlere ýardam berdi.

2019-njy ýylda geçirilen Köp görkezijili klaster barlagyna (MICS) görä, mekdepden öň bilim **berýän edaralarda** hasaba alnan bäş ýaşly çagalaryň paýy **47,6%-e ýetdi**

Reproduktiw saglyk ugrunda Integrirlenen gender meselesine duýgur we ýaş bilen **baglanyşykly bilim boýunça** sertifisirlenen, ýaşaýyş-durmuş esaslary dersi boýunça orta mekdeplerde mugallymlaryň paýy 2020-nji ýylyň maksatly görkezijisiniň **95%-e ýetdi**

Şeýle-de bolsa, doly hasabatyň ýoklugy sebäpli ÝUNISEF-iň[4] gözleg merkeziniň web sahypasynda gyzlar we oglanlar, şol sanda maýyplygy bolan çagalaryň bilim almak boýunça mümkinçiliklerine gözegçilik etmek üçin gönükdirilen bölekleýin maglumatlar bar.

Bilelikdäki DÖM gaznasy tarapyndan maliýeleşdirilýän, ýerli derejede inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny ornaşdyrmak arkaly Durmuş taýdan goraglylyk ulgamyny gowulandyrmak boýunça Bilelikdäki Maksatnamanyň çäginde BMG bilen Hökümetiň arasyndaky hyzmatdaşlyk, milli hyzmatdaşlaryň işjeň gatnaşmagy bilen üstünlikli özgerýär. COVID-19 pandemiýasy sebäpli dörän kynçylyklara we çäklendirmelere garamazdan, 2020-nji ýyla me-ýilleşdirilen esasy netijeler ýerine ýetirildi, şonuň üçin DÖM durmuş taýdan goraglylyk ugrundaky maksatlaryna ýetmekde ýeterlik de-rejede öňe gidişlik boldy.

Türkmenistanyň Zähmet we Ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan şertnama boýunça **45 sany durmuş işi boýunça hünärmenler** işe alyndy

on sany **milli tälimçiler tarapyndan** taýýarlanyldy

we ýurduň **5 sebitine** we Aşgabada tejribe almak üçin ugradyldy

Häzirki wagtda ýerli derejede hyzmat ediş nusgasyny işläp taýýarlamak maksady bilen kanunçylygy kämilleşdirmek we durmuş işi boýunça okuw meýilnamasyny gaýtadan seretmek boýunça işler alnyp barylýar.

Möhüm maksatnamalaýyn düzedişler, COVID-19 bilen bagly ýüze çykyp biljek kynçylyklara BMG-niň örän işjeň we uýgunlaşdyrylan jogabynyň we hökümetiň öňüni alyş çärelerini goldamak üçin meýilnamalaryny uýgunlaşdyrmagyň bir bölegi hökmünde girizildi.

BSGG-niň tehniki ýolbaşçylygynda BMG Türkmenistana **Türkmenistana COVID-19 pandemiýasyna amaly çärelerini işläp taýýarlamaga goldaw berdi**, şol sanda

- saglygy goraýyş edaralarynyň taýýarlygyny ýokarlandyrmak
- saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleriniň ukybyny ýokarlandyrmak
- utgaşdyryş işleri berkitmek boýunça tehniki gollanma
- kadalaşdyryjy düzgünler
- lukmançylyk enjamlaryny satyn almak

4 http://transmonee.org/country/turkmenistan/





Türkmenistanda ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Meýilnamasynyň esasy ugurlary boýunça 2020-nji ýylda durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilen çäreleriň köpüsi amala aşyryldy. Satyn alyş prosesine täsir edýän ähli halkara gatnawlaryň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly ýüze çykýan kynçylyklara garamazdan, BMG ösüş ugrunda hyzmatdaşlary bilen bilelikde dürli lukmançylyk esbaplary satyn almak üçin ABŞ-yň 2 million dollaryndan gowrak möçberdäki serişdeleri üpjün etdi, Hökümet bolsa COVID-19 pandemiýasyna dessin çäreleri maliýeleşdirmek üçin ABŞ-yň 46 million dollaryndan gowrak maliýe serişdeleri sarp etdi.

**dürli lukmançylyk esbaplary** üçin ABŞ-yň 2 million dollary

**COVID-19 pandemiýasyna dessin çäreleri** üçin ABŞ-yň 46 million dollary

Daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa netijeliligi boýunça 3-nji Ileri tutulýan ugurda BMG howanyň üýtgemegi boýunça Pariž ylalaşygynyň ýerine ýetirilmegine ýurduň milli derejedäki goşandyny kesgitlemek üçin Hökümet bilen gepleşiklerini dowam etdirdi. 2020-nji ýylda gazanylan möhüm sepgitleriň biri hem Türkmenistanyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» baradaky kanunynyň we Milli strategiýasynyň kabul edilmegi boldy. Bu namalar arassa energetika ugrunda DÖM görkezijilerine ýetmek üçin çäreleri hasam işjeňleşdirmäge ýardam berer. Mundan başga-da, häzirki wagtda «Galyndylar barada» Türkmenistanyň Kanuny ýaly birnäçe kadalaşdyryjy-tehniki düzgünler we hukuk namalary işlenip düzülýär. Şeýle hem, BMG durnuklylygy gazanmak üçin ýene bir ädim hökmünde galyndylary dolandyrmak barada Türkmenistanyň milli strategiýasynyň işlenip düzülmegini goldaýar.

Mundan başga-da, synag meýdançasynda geçirilen barlag-gözleg işleri topragyň meliorasiýasy ugrunda hukuk namalaryň işlenip taýýarlanylmagyna, hem-de suwuň we energiýanyň ulanylyşynyň netijeliliginiň ýokarlandyrmagyna goşant goşdy.

Şeýle hem, Binagärlik we gurluşyk ministrligine suwdan peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýän, şol sanda melioratiw ulgamlary we desgalary, şeýle hem polietilen (polimer) plýonkadan ýasalan süzgüçlige garşy örtük, gurluşyk kadalary işlenip taýýarlandy we tassyklamak üçin hödürlendi.

BMG we Hökümet 2019-njy ýylda gol çekilen Adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy we olarda hereket etmegi utgaşdyrmakda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamasynyň çäklerinde 2020-nji ýyl üçin bellenilen bilelikdäki hereketleriň meýilnamasyny üstünlikli durmuşa geçirdiler.

2020-nji ýylda bu ugurda gazanylan esasy üstünlikleriň biri, Hökümetiň Milli Sendaý platformasyny we onuň iş toparyny döretmek baradaky ylalaşygy boldy. Bu ýagdaý Birleşen Milletler Guramasyna Sendaý çarçuwaly maksatnamasynyň talaplaryna we 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibine laýyklykda Betbagtçylygyň töwekgelçiligini peseltmek (DRR) boýunça milli ulgamlaryny we tejribesini güýçlendirmek ugrunda hökümet bilen has işjeň gatnaşmaga mümkinçilik berer. BMG-niň ýene bir üstünligi, BMG tarapyndan hödürlenen teklipleriň aglabasyny öz içine alýan Türkmenistanyň «Adatdan daşary ýagdaýlarda halkara ynsanperwer kömegi baradaky» Kanunynyň kabul edilmegi boldy.

**2020-nji ýylda gazanylan möhüm sepgitleri:**

- Türkmenistanyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» baradaky kanuny we Milli strategiýasy
- «Galyndylar barada» Türkmenistanyň Kanuny
- Topragyň meliorasiýasy hem-de suwuň we energiýanyň ulanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak ugrunda hukuk namalaryň işlenip taýýarlanylmagy
- BMG we Hökümet 2019-njy ýylda gol çekilen Adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamasynyň çäklerinde 2020-nji ýyl üçin bellenilen bilelikdäki hereketleriň meýilnamasy
- Hökümetiň Milli Sendaý platformasyny we onuň iş toparyny döretmek baradaky ylalaşygy
- Türkmenistanyň «Adatdan daşary ýagdaýlarda halkara ynsanperwer kömegi baradaky» Kanuny

«Ykdysadyýetiň diwersifikasiýasy, iş üpjünçiligi we söwda» atly **4-nji Ileri tutulýan ugruň** çäginde çäreleriň durmuşa geçirilmegini goldamak üçin BMG müňden gowrak ýaşlar üçin iş **mümkinçiliklerini döretdi**:

144 179 — olaryň 323-si resmi hünär bilimini aldy

38 114 — 152-si iş ýerinde hünär okuwyny tamamlady

78 157 — 235-si hünärmen onlaýn okuwyny tamamladylar

606 618 — 1224 sany ýaşlar iş bilen üpjün edildi

911 özbaşdak işleýänler

313 işe duranlar

78 111

189 sany ýaşlar özbaşdak işlemek üçin iş gurallaryny aldylar

23-si bolsa kiçi telekeçilik işi üçin enjam aldylar

«Iş gözle» atly ykjam maksatnamasy işlenip düzüldi we işe girizildi

Dolandyryşa we hukugyň hökmürowanlygyna degişli **5-nji Ileri tutulýan ugruň** çäginde BMG «hiç kimi yzda galdyrmazlyk» ýörelgesine laýyklykda global pandemiýanyň ýaramaz täsirini peseltmek üçin adam hukuklarynyň hormatlanmagyny we ilatyň ejiz toparlaryna goralmagyny üpjün etmek üçin Hökümete goldaw berdi.

BMG Hökümete Çaganyň hukuklary baradaky komitetine milli hasabaty taýýarlamakda goldaw berdi, şeýle hem 2018-2022-nji ýyllar üçin Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň milli meýilnamasyna orta möhletleýin syn berdi.

2016-2020-nji ýyllar üçin Adam Hukuklary boýunça Hereketleriň milli meýilnamasynyň (NHRAP) we 2015-2020-nji ýyllar üçin gender deňligi boýunça Hereketleriň milli meýilnamasynyň (NAPGE) durmuşa geçirilmegini alyp barýan BMG-niň guramalary olaryň durmuşa geçirilişine soňky seljermäni tamamladylar we netijeleri milli gyzyklanýan taraplara we beýleki hyzmatdaşlara berdiler. Bu seljermelerden alnan teklipler, milli hyzmatdaşlar bilen bilelikde geljek bäş ýyllyk döwür üçin täze meýilnamalary işläp düzmek üçin esas boldy.

Täze meýilnamalar Bütindünýä döwürleýin syn prosesiniň tekliplerine milli jogaby, Ykdysady, Durmuş we Medeni Hukuklary boýunça Komitetiň (CESCR), Zenanlara garşy kemsitmeleri aradan aýyrmak boýunça komitetiň (CEDAW), Çaganyň hukuklary baradaky konwensiýanyň (CRC), maýyplygy bolan adamlaryň hukuklary baradaky konwensiýanyň (CRPD) jemleýji belliklerini we Halkara zähmet guramasynyň mejbury zähmet baradaky tekliplerini öz içine alýar.

Täze gender deňligi boýunça Hereketleriň milli meýilnamasy (NAPGE) 2020-nji ýylyň ahyrynda tassyklandy, indi bolsa 2021-2025-nji ýyllar üçin Adam Hukuklary boýunça Hereketleriň milli meýilnamasynyň (NHRAP) tassyklanmagyna garaşylýar.

Öňki meýilnamadan tapawutlylykda, täze meýilnamada her bir Ileri tutulýan herekete degişli DÖM-iň görkezijileri bilen baglanyşykly anyk görkezijiler bar. BMG Hökümete raýatsyzlygy ýok etmek boýunça Hereketleriň Milli meýilnamasynyň (2019-2024) şol sanda raýatsyzlygy ýok etmek üçin hukuk refor-malaryny we raýatsyzlyk ýagdaýyny kesgitlemek üçin düzgünleri döretmek arkaly durmuşa geçirmäge şeýle hem 2022-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň çäginde ýurtda raýatlygy ýok bolan adamlar barada ygtybarly maglumatlary almaga goldaw berdi.

**Gender deňligi boýnça Hereketleriň milli meýilnamasy (NAPGE) ýedi sany Ileri tutulýan ugurlary öz içine alýar:**

- kanunçylyk
- gender meselesine gönükdirilen saglygy goraýyş
- bilime deň elýeterlilik
- gender zorlugyň öňüni almak we oňa garşy çäre görmek
- aýal-gyzlaryň ykdysady hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek
- aýallaryň syýasy we durmuş meselelerine gatnaşygyny ýaýbaňlaşdyrmak
- institusional mümkinçiliklerini ösdürmek

global pandemiýanyň aýal-gyzlara ýetirýän durmuş-ykdysady täsirini göz öňünde tutýar we hiç bir **gyzyň ýa-da aýalyň** (maýyplygy bolan adamlary hem) **yzda galmazlygyny üpjün edýär**.

# HYZMATDAŞLYK BOÝUNÇA ÇARÇUWALY MAKSATNAMANYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY, AHYRKY WE ARALYK NETIJELERI



1-nji Ileri tutulýan ugur

# Maglumatlaryň hili we ösüşe gözegçilik



# AHYRKY NETIJE 1



Halkara standartlaryna laýyk gelýän ýokary hilli maglumatlar syýasatçylara, kanun çykaryjylara we gyzyklanýan halk wekillerine elýeter bolmak bilen, milli maksatnamalaryň, 2015-nji ýyldan soňky Durnukly ösüş maksatlarynyň, BMG-niň Ösüş üçin hyzmatdaşlyk çarçuwaly maksatnamalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we täze milli strategiýalary we maksatnamalary düzmek üçin peýdalanylýar

BMG hökümete maglumatlary ýygnamak, seljermek we hasabat bermek babatynda halkara ülňüleri we düşünjeleri kabul etmekde goldaw bermegini dowam etdirdi. 2020-nji ýylda maglumatlaryň hilini, elýeterliligini we aýdyňlygyny ýokarlandyrmakda, şeýle hem DÖM milli meýilnamalara we maksatnamalara girizmekde käbir öňegidişlikler gazanyldy. DÖM boýunça Milli maglumat bazasyny döretmek üçin anyk hereketler we işler 2021-nji ýylda durmuşa





geçirmek üçin milli hyzmatdaşlar bilen ylalaşyldy. **2019-njy ýylyň ilkinji meýletin milli synynyň (VNR)** doly teksti hökümetiň web sahypalarynda ýerleşdirildi[5].

DÖM üçin maglumatlar babatynda BMG-niň ýurt boýunça toparynyň bellemegine görä, milli maglumatlara elýeterlilik BMG we hyzmatdaşlara COVID-19-a garşy çäre görmek üçin ylalaşylan ileri tutulýan ugurlaryň we milli meýilnamalaryň ýerine ýetirilmegini goldamaga subutnama esasynda maksatnamalary işläp taýýarlamaga mümkinçilik berer.

BMG we halkara maliýe guramalary Daşary işler ministrligi bilen bilelikde ýygnak geçirip, statistika maglumatlaryň elýeter bolmagyndaky päsgelçilikleri aradan aýyrmak boýunça amala aşyrmaly işler barada ylalaşyga geldiler. Bu duşuşyk Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamanyň, Türkmenistanda ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Meýilnamasynyň, Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasynyň çäginde maglumat alyş-çalşynyň kämilleşmegine goşant goşdy.

2020-nji ýylda BMG-niň Ilat gaznasy (UNFPA) we BMG-niň beýleki guramalary DÖM-iň hemmesine esas bolup durýan **2022-nji ýyldaky ilat ýazuwyna taýýarlyk görmek** üçin degişli döwlet edaralaryna goldaw bermegi dowam etdirdiler. BMG ösüşi meýilleşdirmek we gözegçilik etmek üçin ileri tutulýan demografik maglumatlary taýýarlamak üçin döwlet syýasatlaryny we tejribelerini pugtalandyrmak boýunça maslahat bermegi dowam etdirdi.

2020-nji ýylda gazanylan ýene bir möhüm sepgit, milli guramalaryň BMG-niň Ilat gaznasy (UNFPA) bilen ýakyn hyzmatdaşlygynda geçirilen maşgaladaky **aýallaryň saglygy we ýagdaýy baradaky barlag boldy**. Sowalnamanyň jemleýji hasabatynyň 2021-nji ýylyň birinji ýarymynda tamamlanmagyna garaşylýar. Soraşmalaryň netijeleri, DÖM-iň birnäçesi üçin, şeýle hem Türkmenistanyň milli ösüş ugurlaryna we halkara borçnamalaryna laýyklykda gender deňligi we aýal-gyzlaryň hukuklaryny goramak babatynda döwlet syýasatyny gowulandyrmak üçin esas bolup hyzmat eder.

BSGG-niň tehniki goldawy esasynda, **Türkmenistanda sagdyn durmuş ýörelgesi we abadançylyk babatynda DÖM Global Hereketler meýilnamasy barada hasabat işlenip düzüldi**. Hasabatda DÖM 3 boýunça milli üstünlikler we saglyk bilen baglanyşykly ähli görkezijiler boýunça ösüş görkezilýär.

Statistika baradaky Döwlet komiteti, milli statistika edaralary üçin milli ösüşiň umumy ýagdaýy barada **giňişleýin maglumat almak üçin ajaýyp mümkinçilik bolan** 2021-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň (UNECE) global statistiki synyna gatnaşmaga ylalaşmak bilen institusional, guramaçylyk we tehniki mümkinçilikleri güýçlendirmek üçin ýene bir gadam basdy.

BMGÖM Statistika baradaky Döwlet komiteti bilen bilelikde Birleşen Milletler Guramasynyň Statistika komissiýasy (UNSC) tarapyndan kabul edilen milli hasaplar üçin halkara statistika standartlarynyň soňky görnüşi bolan 2008-nji ýylyň **Milli Hasaplar Ulgamyny (SNA 2008)** girizmegiň üstünde işleýär.

Bu döwrebap statistika mehanizmi syýasaty düzmek, seljermek we seljeriş maksatlary üçin makroykdysady hasaplaryň toplumlaýyn, yzygiderli we maýyşgak toplumyny üpjün eder.

Şeýle hem BMGÖM milli hasaplaryň hiliniň möhüm tarapy bolan gözegçilik edilmeýän ykdysadyýet barada seljerme geçirmek we ony tamamlamak üçin Statistika baradaky Döwlet komitetine goldaw berdi. Gözegçilik edilmeýän ykdysadyýeti ölçemek, makroykdysady agregatlary buhgalterçilik hasabatynyň halkara ölçeglerine laýyklykda ölçemek we JIÖ-e giňişleýin baha bermek üçin zerurdyr. Şeýle hem Statistika baradaky Döwlet komitetine syýahatçylygyň goşmaça hasabyny işläp taýýarlamak boýunça mümkinçilikleri artdyrmak üçin ýardam we maslahat berildi.

COVID-19 garşy dessin çäreleriň çäklerinde BMGÖM «Ýeňme» we «Maşgala» jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlykda 5000 töweregi öý hojalyklaryny öz içine alýan ilatyň ejiz **toparlarynyň dessin seljermesini geçirdi**. Bu seljerme ilatyň ejiz toparlary barada we olaryň gowşak taraplary barada maglumatlary ýygnamaga mümkinçilik berdi. Soraşma geçirilen öý hojalyklaryň 68% esasy girdeji çeşmesi hökmünde maýyplyk üçin durmuş tölegleri görkezdi. Alnan maglumatlar ilatyň iň köp agram çeken toparlary üçin goldaw beriş çärelerini guramaga ýardam berdi.

5 Türkmenistanyň Maliýe we Ykdysadyýet ministrliginiň https://fineconomic.gov.tm/ru/vnrt we Türkmenistanyň statistika baradaky Döwlet komitetiniň https://stat.gov.tm/ resmi web sahypalary






2020-nji ýylda Türkmenistanyň Statistika baradaky Döwlet komiteti tarapyndan ÝUNISEF-iň we ÝUNFPA-nyň tehniki we maliýe goldawy bilen **2019-njy ýyldaky Köp görkezijili klaster barlagy (MICS)** tamamlandy. Ol takmynan DÖM görkezijileriniň 33-i boýunça maglumat berýär. MICS hasabaty ÝUNISEF-iň web sahypasynda elýeterdir[6].

Köp görkezijili klaster barlagynyň (MICS) iň soňky netijeleri, **Zähmet we Ilaty durmuş taýdan** goramak ministrliginiň maglumatlary we Statistika baradaky Döwlet komitetiniň maglumatlary esasynda ÝUNISEF maýyplygy bolan adamlaryň we maýyplygy bolan çagalaryň ýagdaýy barada maglumatlary ýygnamak işine başlady. Netijeler 2021-nji ýylda ýagdaý seljermesi we maýyplygy bolan adamlaryň hukuklary baradaky komitetiň indiki hökümet hasabaty üçin maglumat çeşmesi bolup hyzmat eder. Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň maglumatlar binýady esasynda Statistika baradaky Döwlet komiteti halkara bilermenleriniň goldawy bilen barlagyň nusgasyny işläp taýýarlady we saýlady.

Maýyplygy bolan adamlary goldaýan jemgyýetçilik guramalaryň birnäçesi bilen maslahatlar geçirildi, munuň maksady häzirki wagtda, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi we Bilim ministrligi tarapyndan işlenip taýýarlanylýan sowalnama goşmak üçin mümkin bolan ugurlary teklip etmekden ybarat boldy.

ÝUNISEF bilen Halkara zähmet guramasynyň we Statistika baradaky Döwlet komitetiniň hyzmatdaşlygynyň ýene bir möhüm ugry COVID-19 bilen baglanyşykly moduly öz içine aljak Işçi güýjüň seljermesini taýýarlamakdyr.

COVID-19 pandemiýasynyň Türkmenistandaky öý hojalyklarynyň durmuş-ykdysady abadançylygyna nähili täsir edendigine we **durmuş kömegiň ýeterlikliligine** baha bermek üçin Sowalnamanyň çäginde maglumatlary ýygnamak üçin goldaw berler. ÝUNISEF saýlanan 6 **mekdeplerde WASH** (Suw üpjünçilik ulgamy, arassaçylyk we gigiýena) netijeliginiň seljermesini geçirilmegini goldady we bu ugurda mundan beýläk meýilnamalaşdyryş işleri üçin maglumat berdi.

BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman üçin ykdysady we durmuş komissiýasy (UNESCAP) täze MICS maglumatlary ulanyp, «hiç kimi yzda galdyrmazlyk» ýörelgesi boýunça seljermäni taýýarlamak üçin 1-nji netijeler toparyny goldady we COVID-19-yň «yzda galyp biljeklere» edip biljek täsiri barada maglumat berdi.

BMG guramalary **Sanly saglyk strategiýasyny** mundan beýläkde durmuşa geçirmek üçin Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen hyzmatdaşlyk etdi. Giňişleýin öwrenmek maksady bilen Käbir ýurtlaryň mysallary ministrlige ýetirildi we bu ugurdaky alnyp barylýan işler täze tapgyrda hasam ýaýbaňlaşdyrylar.

ÝUNISEF we ÝUNESKO **Bilimi dolandyrmak boýunça maglumat ulgamlarynyň (EMIS)** işlenip taýýarlanylmagyna yzygiderli goldaw berýär – bu ulgam adamlary, tehnologiýalary, nusgalary, usullary, amallary, düzgünleri, kadalary we düzgünnamalary öz içine alýar, bularyň hemmesi bilim ulgamynda çözgüt kabul edýän ýolbaşçylara we işgärlere degişli, ygtybarly, birmanyly we täze maglumatlaryň toplumyny üpjün edýär we olaryň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmekde maglumatlary üpjün edýär. COVID-19 ýaly adatdan daşary ýagdaýlarda EMIS-i işläp taýýarlamak bilen baglanyşykly kynçylyklara garamazdan, ol çökgünlik wagtyndan öňküsinden has täsirli EMIS döretmek üçin mümkinçilik berer diýip garaşylýar.

Betbagtçylygyň töwekgelçiligini azaltmak (DRR) bilen baglanyşykly 2020-nji ýylda gazanylan möhüm sepgitleriň biri Türkmenistan Hökümetiniň **Sendaý çarçuwaly maksatnamanyň onlaýn gözegçilik ulgamyny (Sendaý Monitoring System)** ulanyp, Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça **Sendaý çarçuwaly maksatnamany** durmuşa geçirmekde milli derejede edilen işleriň hasabatyny berip başlamagyndadyr.

Türkmenistan Sendaý gözegçilik ulgamynyň görkezijilerine laýyklykda betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmakdaky ösüşine baha berip we yzarlap biler. Ýitgiler barada maglumatlary ýygnamagyň milli formasy üçin «DesInventar Sendaý» programma üpjünçiligini düzmek prosesi başlandy we 2021-nji ýylda degişli görkezijileriň we bölüniş kategoriýalaryň girizilmegi boýunça işler dowam eder. Türkmenistanyň Statistika baradaky Döwlet komiteti 2015-nji ýyl üçin Milli statistika ulgamyna uýgunlaşdyrylan global baha beriş teklipleriniň **41% durmuşa geçirdi**. Bu ösüşe birnäçe başlangyçlar goşant goşdy, şol sanda BMGÖM-niň 2008-nji ýyldaky Milli Hasaplar Ulgamynyň (SNA) standartyna geçmekde goldawy.

6 https://mics.unicef.org/surveys

2-nji Ileri tutulýan ugur

# Hil taýdan ýokary, ilatyň ähli gatlaklaryny öz içine alýan durmuş hyzmatlary



# AHYRKY NETIJE 2





Mekdepden öň başlangyç we orta bilim bermek hyzmatlary ýokary hilli we halkara ülňülerine laýyk bolup, halkyň ähli gatlaklaryny öz içine alýan, has ýokary hilli bolmagy ileri tutulýar

2020-nji ýylda BMG mekdepden öň başlangyç we orta bilim boýunça çagalar üçin amatly ýörelgeleri giňeltmek arkaly ähli çagalar üçin irki okuwyň elýeterliligini we onuň hilini ýokarlandyrmagyny dowam etdirdi. 2020-2025-nji ýyllar üçin **Çaganyň Irki Ösüşi Boýunça Türkmenistanyň Milli Strategiýasynyň (ECD)** kabul edilmeginden (2019-njy ýylyň ahyrynda) soň Hökümete berilýän tehniki goldaw bu Strategiýany durmuşa geçirmek üçin operatiw mehanizmiň taýýarlanylmagyna gönükdirildi.

Netijede, ÝUNICEF-iň goldawy bilen Çaganyň Irki Ösüşi Boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasy boýunça Hereketleriň meýilnamasy, şeýle hem gözegçilik we baha beriş mehanizmi işlenip düzüldi. Pudagara iş toparynyň döredilendigini we Bilim ministrliginiň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň we Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň arasynda ýurtda çaganyň irki ösüşi syýasaty boýunça pudagara utgaşdyryş mehanizmini döretmek barada bilelikdäki karara/üzgünnama gol çekendiklerini bellemek möhümdir. Hökümet «Türkmenistanda 2020-2025-nji ýyllarda Çaganyň irki ösüşi we çagalaryň mekdebe gitmezden öň taýýarlygy ugrunda mekdepden öň bilim edaralaryň işlerini kämilleşdirmek boýunça maksatnamany» kabul etdi, ol Türkmenistanda ähli 5 ýaşly çagalar üçin bir ýyllyk ýokary hilli başlangyç okuwy girizmek boýunça ÝUNISEF tarapyndan goldanýan operatiw meýilnamany öz içine alýar.

Başlangyç we orta mekdeplerde bar bolan okuw meýilnamalaryna we okadylyş usullaryna gaýtadan seretmekde Bilim ministrligine berlen tehniki goldaw, başarnyklar esasynda bilim ulgamyny ösdürmek üçin anyk teklipleriň we çäreleriniň berilmegine sebäp boldy.

2021-nji ýyldan başlap hyzmatdaşlygyň täze **Çarçuwaly maksatnamasynyň bilimde** başarnyklar çemeleşmesiniň öňdebaryjy halkara ülňülerine, şol sanda halkara okuw meýilnamalaryna, inklýuziw okuw we okuw usulyýetlerine, şeýle hem öňdebaryjy halkara standartlaryna laýyklykda öňe sürmeklige aýratyn ähmiýet berjekdigini nazara alsak, bu möhüm üstünlikdir.

COVID-19-a garşy çäreleriniň çäginde ÝUNISEF welaýatlardaky we paýtagtdaky saýlanan mekdepler üçin şahsy arassaçylyk serişdelerini satyn aldy. Talabyň ýokary bolandygy sebäpli, ýurt boýunça başlangyç saglygy goraýyş edaralarynda we mekdeplerde arassaçylygy wagyz nesihat etmek maksady bilen dem alyş etiketi we el ýuwmak ýaly arassaçylyga degişli **60,000 sany plakatlar çap edildi**.

# AHYRKY NETIJE 3





**“Indi men kyn durmuş ýagdaýyna düşen adamlaryň zerurlyklaryny nähili bahalandyrmalydygyny bilýärin we biz olary şahsy goldaw bermek baradaky meýilnamalary işläp düzmekde ulanarys. Durmuş işinde şahslaryň zerurlyklaryna görä iş alyp barmak örän wajypdyr”**

**“Durmuş taýdan kömege mätäç adamlaryň durmuş taýdan işjeň bolmaklary üçin biziň jemgyýetimiziň hem inklýuziw bolmagy örän wajypdyr”**

**Täze ýardam beriji hünäriniň açylmagy – jemgyýetçilik işi hünärmenleri. Olar kimler? Has giňişleýin** şu ýerde okaň

## Durmuş taýdan goramak ulgamy ýokary hilli, jemgyýet esasynda goldaw hyzmatlaryny üpjün etmäge taýýar

Ýerli derejede inklýuziw ýokary hilli durmuş hyzmatlary girizmek arkaly durmuş goraglylyk ulgamyny kämilleşdirmek boýunça bilelikdäki maksatnamanyň 2019-njy ýylyň ahyrynda tassyklanmagyndan soň BMG-niň hyzmatdaş guramalary, hususanda ÝUNISEF, BMGÖM, ÝUNFPA we BMGNJM degişli kanunçylyk synlaryny we milli durmuş işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak bilen bilelikde ýerli derejede durmuş hyzmatlarynyň täze nusgasyny **girizmek maksady bilen öňdebaryjy milli hyzmatdaş**, ýagny, Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen bilelikde iş alyp bardylar.

Bilelikdäki maksatnamanyň möhüm netijeleriniň arasynda ene-atasyndan aýrylmak howpy abanýan çagalar, ene-atasynyň hossarlygyndan galan çagalar, maýyplygy bolan çagalar, töwekgelçilikli toparlardan ýaşlar, gender zorlugyna sezewar bolan aýallar, maýyplygy bolan adamlar we ýaşy uly adamlar üçin ýerli derejedäki inklýuziw hyzmatlarynyň täze nusgasy bar.

«Ýeňme» jemgyýetçilik guramasy bilen hyzmatdaşlykda BMGÖM häzirki pandemiýa ýagdaýynyň jemgyýetiň iň köp täsir eden agzalaryna goldaw berdi.

Global pandemiýanyň netijelerine garşy göreşmek üçin bölünip berlen «Dessin çäre görmek baradaky gaznasy» tarapyndan berlen **grantyň çäginde birnäçe müň azyk we arassaçylyk** bukjalary (13,600 goldaw bukjasy) satyn alyndy we Türkmenistanyň bäş welaýatynda we Aşgabat şäherinde goldawa iň mätäç bolan adamlara gowşuryldy.

Halkara migrasiýa guramasy (HMG) global pandemiýa sebäpli daşary ýurtlarda galan ejiz **migrantlary goldady** we Türkmenistandan ýüzden gowrak gaýybana okaýan talyplara we 2020-nji ýylda uniwersiteti gutaran we Türkmenistana gaýdyp gelmek üçin garaşýan ýüzden gowrak talyp üçin bir gezeklik maliýe kömegini berdi.

# AHYRKY NETIJE 4




Türkmenistanyň ilatyna, esasan hem ilatyň ejiz toparlaryna, aýal-gyzlaryň we çagalaryň saglygyna, iýmitlenişine, ýokanç däl kesellere (ÝDK), köp görnüşli dermanlara durnukly bolan inçekesele (KGDDI), keselleriň ir ýüze çykarylmagyna we öňüni alyş çärelerine gönükdirilen ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlary üpjün edilýär

COVID-19 hadysasynyň resmi taýdan habar berilmändigine garamazdan, gysga wagtyň içinde Hökümet we BMG Türkmenistanda ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Meýilnamasyny işläp düzdi we durmuşa geçirdi, muňa giňişleýin tehniki goldaw, möhüm töwekgelçilikler barada duýduryşlar we **Türkmenistanda ýokanç keseliň ýaýramagynyň öňüni almak bilen baglanyşykly enjamlaryň** we beýleki harytlaryň satyn alynmagy hem girýär. Bu maksatnama Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 22-nji maýynda çykaran karary bilen tassyklandy. Bu meýilnama BMG-niň Baş sekretarynyň şeýle meýilnamalar üçin bitewi ülňüleriň





çäginde koronawirus ýokanjyna garşy göreşmek üçin döwlet we dünýä derejesinde utgaşdyrylan çäreleri işläp düzmek baradaky çakylygyna jogap hökmünde taýýarlandy. 2020-nji ýylda meýilnamany durmuşa geçirmek üçin satyn almalar, şol sanda BMG-niň degişli edaralarynyň, döwlet edaralarynyň we beýleki ösüş hyzmatdaşlarynyň üpjünçilikleri ABŞ-iň 48 million dollaryndan hem geçdi.

Türkmenistanda ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Meýilnamasynyň dürli ugurlary boýunça Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine jogap hökmünde çäreleri bilen bagly we BMG tarapyndan tehniki goldaw bermek işine BSGG ýolbaşçylyk etdi, ÝUNISEF bolsa milli teleýaýlym we habar beriş serişdeleri arkaly töwekgelçilikler barada jemgyýetiň habardarlygyny ýokarlandyrmak ugrundaky tagallalaryna ýolbaşçylyk etdi.

BMG guramalary ýurtda inçekeseliň öňüni almak we oňa gözegçilik etmek, 2020-nji ýylda inçekesel bilen kesellänlere diagnoz goýmak we bejermek bilen baglylykda köpden bäri goldaw berip gelýärler.

BMGÖM dermanlara durnukly inçekeseli **yüze çykarmakda** we bejermekde ýurda goldaw bermek maksady bilen Global gaznasyndan maliýe serişdelerini çekdi.

Türkmenistanyň Hökümeti Global gaznanyň bilelikde maliýeleşdirmek talaplaryny doly ýerine ýetirdi: 2020-nji ýylda inçekesele garşy göreş, şeýle hem AIW barlagy, C wirus gepatitini bejermek we howpsuz donor gany üçin içerki maliýeleşdiriş köpeldi.

BSGG 2021-2025-nji ýyllar üçin inçekesele garşy hyzmatlary boýunça **Milli Ileri tutulýan meýilnamanyň işlenip düzülmegine tehniki kömegini** we goldawyny berdi.

Meýilnama inçekesele garşy hyzmatlaryna baha bermek bilen birlikde tassyklanyldy we kabul edildi. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli Jemgyýeti näsaglara inçekesel bejergisi boýunça düzgüni berjaý etmäge ýardam berdi, şeýle hem müňe golaý näsaglar we olaryň maşgalalary üçin tälim okuwlaryny gurnady.

BMG temmäki çekmegiň gözegçiligi, iýmitlenmek, bedenterbiýe işjeňligi, akyl saglygy we başgalar boýunça öňki maksatnamalaryň gazanan üstünliklerine esaslanyp, ýokanç däl kesellerиň öňüni almak we gözegçilik etmek üçin goldaw bermegi dowam etdirdi. ÝUNISEF we BSGG **Saglygy pugtalandyrmak we iýmitlenmek bilen baglanyşykly** ýokanç däl kesellerиň öňüni almak boýunça 2020-2025-nji ýyllar üçin Milli sagdyn iýmitleniş maksatnamasynyň we onuň hereketler meýilnamasynyň işlenip düzülmegi üçin tehniki goldaw berdiler.

Bu maksatnama, Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyny ilatyň sagdyn iýmitlenmegi bilen baglanyşykly meselelerini çözmekde öňüni almak bilen, durmuş mobilizasiýa we pudagara ýakyn gatnaşyklar ugrundaky tagallalaryna goşant goşar. Maksatnamanyň esasy ugurlary saglygy goraýyş, bilim, durmuş goldawy, oba hojalyk, azyk önümçiligi, azyk howpsuzlygy we beýleki ähli degişli pudaklarda syýasatlaryň we strategiýalaryň utgaşdyrylmagydyr. 2020-nji ýylda Hökümet we BMGÖM milli kliniki maksatnamalaryna täzeden garamak, milli satyn alyş we üpjünçilik ulgamyny güýçlendirmek, şeýle hem ýokanç däl kesellere garşy göreşmek üçin ýokary hilli we **netijeli dermanlary satyn almak arkaly** 2021-2022-nji ýyllar aralygynda ýokanç däl kesellere garşy göreşmek boýunça milli maksatnamanyň durmuşa geçirilmegini goldamak üçin ähmiýetli şertnama gol çekdi. Mundan başga-da, BSGG Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine akyl saglygy meselelerini ilkinji saglygy goraýyş ulgamyna goşmak arkaly akyl saglygyny goramagy güýçlendirmekde goldaw berdi.





**Ýetginjekleriň reproduktiw saglygyny (RH)** goramak boýunça hyzmatlar, şol hyzmatlary dolandyrmak we gözegçilik etmek, adaty kliniki yardamyny bermek we psihologiki maslahat bermek bilimlerini we **başarnyklaryny täzelemekde** ÝUNFPA-nyň goldawy bilen kämilleşdirildi.

Maşgalany meýilleşdirmek boýunça nokatlarynda ätiýaçlyklaryň **ýetmezçiliginiň öňüni almak** üçin ÝUNFPA Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň serişdelerine göwreliligiň öňüni alyş boýunça serişdeleriniň görnüşleriniň üçüsini hem satyn aldy.

ÝUNFPA **38 kliniki teswirnamalaryny** işläp düzmek, neşir etmek we ýaýratmak, şeýle hem lukmançylyk enjamlaryny satyn almak arkaly reproduktiw saglygy hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga kömek etdi.

Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýatgynyň bogazynyň düwnük keseline garşy **göreşmek boýunça** hemmetaraplaýyn çäreler baradaky buýrugy, 2020-nji ýyldaky saglygy goraýyş ugrunda Bütindünýä assambleýasynda neşir edilen ýatgynyň bogazynyň düwnük keselini ýok etmek boýunça global strategiýasy esasynda ÝUNFPA goldawy bilen işlenip taýýarlanyldy.

COVID-19 bilen baglanyşykly **çäklendirmelere garamazdan, BMG-niň degişli edaralary inçekeseli bejermek, AIW barlamak, gan tabşyrmak, C wirusly gepatitini bejermek üçin hyzmatlar/dermanlar, sanjymlar, kislorod konsentratorlary, şeýle hem ynsanperwerlik serişdeleri we beýleki enjamlary bilen üpjün etdiler, şeýle hem reproduktiw saglygy (RH)**, şol sanda lukmançylyk anyklaýyş enjamlary, göwreliligiň öňüni alyş serişdeleri, ýetginjekleriň reproduktiw saglygy boýunça halkara maslahatlar, mekdep okuwçylary üçin reproduktiw saglyk sapaklary, gender deňligi, durmuş endikleri ýaly ugurlarda goldaw berdiler.

Mundan başga-da, saglygy goraýyş ulgamyny maliýeleşdirmek boýunça we saglygy goraýyş ulgamynda hünärmenler babatyndaky strategiýasynyň seljermesini, şeýle hem Ýol kartasyny taýýarlamak üçin goldaw berildi.

BMG-niň **Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk** baradaky müdirligi, COVID-19 pandemiýasy döwründe eneatalyk ukyplaryny güýçlendirmek we onuň maşgalalaryna we ýaşlara ýetirýän täsirini azaltmak üçin ejiz ýaşlar bilen hyzmatdaşlyk edýän bilim, saglygy goraýyş we hukuk goraýjy hünärmenleri üçin birnäçe webinarlary geçirdi.

BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, COVID-19 pandemiýasyna garşy göreşiň başynda durýan serhet geçelgelerinde gulluk edýän hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň şahsy howpsuzlygyny üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy üçin şahsy gorag serişdelerini satyn aldy.

3-nji Ileri tutulýan ugur

# Daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa netijeliligi



# AHYRKY NETIJE 5



Milli syýasat, kanunçylyk we institusional (guramalary dolandyrmak) mehanizmleri ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we energiýa netijeliligi, täzeden dikeldilýän çeşmeleri ulanmak, şäher gurluşygy we galyndylary dolandyrmak boýunça durnukly tejribäni öňe sürmek maksady bilen täzeden gözden geçirildi

BMG energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak, alternatiw energiýa çeşmelerini ulanmak, ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we galyndylary dolandyrmak boýunça milli kanunçylyk we institusional esaslaryny (mehanizmlerini) güýçlendirmekde esasy Ileri tutulýan hyzmatdaş hökmünde çykyş etmegini dowam etdirdi.

2019-njy ýylda Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýa kabul edilenden soň, BMGÖM we BMG-niň Daşky gurşaw babatyndaky maksatnamasy (UNEP), BMG-niň howanyň üýtgemegi boýunça çarçuwaly konwensiýasy (UNFCCC) boýunça **4-nji Milli habarnamanyň taýýarlanylmagyny başlamak we Milli derejede kesgitlenen goşantlary işläp taýýarlamak üçin öz tagallalaryny birleşdirdiler**.





Mundan başga-da, BMGÖM 2020-nji ýylyň dekabrynda kabul edilen gaýtadan dikeldilýän **energiýa çeşmelerini ösdürmek** boýunça milli strategiýanyň we 2021-nji ýylda **tassyklanjak Türkmenistanyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri barada»** kanunynyň işlenip düzülmegini goldady.

Şeýle hem BMGÖM **Türkmenistanyň «Galyndylar baradaky» kanuny** üçin birnäçe tehniki we kadalaşdyryjy görkezmeleri we kadalaşdyryjy-hukuk namalary işläp düzmäge başlady we durnukly ösüşiň ýene bir ädimi hökmünde Türkmenistanyň galyndylary dolandyrmak boýunça milli strategiýasynyň taslamasynyň işlenip düzülmegine goldaw berýär.

BMG guramalary oba hojalygynda netijeli ýer, suw we energiýa tejribelerini ösdürmek üçin milli hyzmatdaşlar, şol sanda Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak baradaky ministrligi, Suw serişdelerini dolandyrmak boýunça Döwlet komiteti we ýerli daýhanlar bilen hyzmatdaşlyk etdi.

Suw hojalygy baradaky Döwlet komitetiniň «Türkmensuwylymtaslama» suw taslama institutyna degişli Gökdepede 145 gektar meýdanynda geçirilen barlaglaryň netijelerine görä, ýaş alymlar we aspirantlar **«Üzümçilik, bag we tokaý nahallary üçin damjalaýyn suwaryş ulgamlaryny düzmek boýunça teklipleri»** taýýarladylar.

Mundan başga-da, synag meýdançasynda geçirilen ylmybarlag işleri ýerleriň meliorasiýasy we suwdan we energiýadan peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça kanunlaryň taýýarlanylmagyna sebäp boldy.

Şeýle hem Binagärlik we gurluşyk ministrligi tarapyndan tassyklanylmagyna garaşylýan gurluşyk kadalary bar, olar suwdan peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, şol sanda melioratiw ulgamlaryny we desgalaryny, şeýle hem polietilen (polimer) plýonkadan ýasalan filtre garşy örtügi döretmäge ýardam eder.

BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy (UNECE) Ileri tutulýan ekologiýa ýagdaýynyň seljermesiniň artykmaçlyklary, ýörelgeleri we düzgünleri babatynda tebigaty goraýjy we degişli pudaklaýyn edaralaryň mümkinçiliklerini güýçlendirmek Merkezi Aziýa ýurtlary bilen we olaryň arasynda hyzmatdaşlygy güýçlendirmek maksady bilen Ileri tutulýan **Daşky Gurşaw Ýagdaýynyň Seljermesiniň (SEA)** tehniki-ykdysady esaslandyryşyny geçirmäge başlady.



Galyndylary topar boýunça bölmek we gaýtadan işlemek baradaky makalany okaň

> **“Näme üçin biz, adamlar tarapyndan galyndylary «zir-zibil» diýip atlandyrmagyny islemeýäris? Sebäbi biz galyndylary zir-zibil hökmünde kabul etsek, onda biz ony zyňmak isleýäris. Netijede galyndylar zibilhana iberilýär. Zir-zibil – bu size gerek däl zatlar. Şol bit wagtda galyndylar – bu doly ulanylmadyk zatlardan emele gelen, gaýtadan ulanmak mümkinçiligi bar bolan zatlardyr. Galyndylar – bu artykmaç ulanmagyň netijesinde emele gelen, ulanylyşyny çäklendirmäge, gaýtadan ulanmaga we gaýtadan işlemäge degişli zatlardyr”**

# AHYRKY NETIJE 6



Milli syýasat, kanunçylyk we institusional (guramalary dolandyrmagyň) mehanizmler howa şertleriniň üýtgemegine durnuklylyga, uýgunlaşmaklyga ýardam etmek, howanyň töwekgelçiligini dolandyrmak we ýerli hem-de pudaklaýyn derejelerde betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunca çäreleri öňe sürmek arkaly howa şertleriniň üýtgemegi bilen bagly meselelere jogap berýärler

UNDP unicef UNFPA FAO UNDRR The United Nations Office for Disaster Risk Reduction

BMGÖM Oba hojalyk we Daşky gurşawy goramak babatyndaky ministrligine howanyň we topragyň hiline baha bermek we gözegçilik etmek üçin enjamlary kämilleşdirmekde ýardam berdi.

Daşky gurşawy gözegçilik baradaky gullugynyň we onuň sebitleýin bölümleriniň barlaghanalarynyň hünärmenleri daşky gurşawyň ýagdaýyna netijeli **gözegçilik etmek boýunça** öz ukyplaryny ýokarlandyrdylar.





**“Lebap we Daşoguz welaýatlarynda iş başlaly bäri, biz saýlanan birleşikleriň daýhanlary bilen maslahat geçirmek boýunça çärelere uly üns berdik. Biz olaryň käbirleri üçin ösdürip ýetişdirmegiň we hasyl ýygnamagyň kyndygy barada, beýlekileriň bolsa hasyl ýygnamakda kynçylyk çekmeýändigi, ýöne hasylyň galan bölegini saklamagy başarmaýandygy barada öwrendik”**

**Howa şertleriniň üýtgemegi Daşoguz we Lebap welaýatlarynda ekerançylygy alyp barmaklygy nädip çylşyrymlaşdyrýandygy barada** şu ýerde okaň

BMGÖM we milli hyzmatdaşlar Aşgabatda we onuň töweregindegalyndylary ýygnamak we nahal oturtmak kampaniýalaryny yzygiderli geçirýärler we şeýlelik bilen daşky gurşawy goramagyň Gün tertibini öňe sürýärler. BMGÖM ýurduň **seýsmiki töwekgelçiliklere baha bermek** we bolup biljek ýer **titremeleriniň we onuň bilen baglanyşykly yzly-yzyna** bolup biläýjek adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olara garşy göreşmek boýunça ukyby ýokarlandyrmagy dowam etdirdi. Binalarda inženerçilik ugrunda gözleg işlerini geçirmek üçin seýsmiki yrgyldylary hasaba almak üçin ýöriteleşdirilen döwrebap enjamlar üpjün edildi. Enjam bar bolan binalaryň seýsmiki taýdan çydamlylyk nukdaýnazaryndan tehniki ýagdaýyna, şeýle hem seýsmiki taýdan çydamlylygyň ýetmezçiligine baha bermek üçin inženerçilik barlaglaryny geçirmäge mümkinçilik berýär. BMGÖM bilen Seýsmologiýa we atmosferanyň fizikasy institutynyň bilelikdäki taslamasy, ýerli seýsmiki garşylygy ba-halandyryp, inženerçilik barlaglar arkaly Aşgabatdaky gurluşyk binalaryň seýsmiki töwekgelçiliklere taýýarlygyny we olaryň seý-smiki çydamlylygyny baha bermek boýunça milli derejede ukyby ýokarlandyrmak maksady bilen ýerli hünärmenler üçin okuwlary geçirdi.

BMGÖM Lebap we Daşoguz welaýatlarynyň 6 sany daýhan birleşiginiň we 2 sany maldarçylyk hojalyklarynyň ýerli daýhanlaryna gurakçylyk we suw joşmalary, çölleşmek we çalt üýtgeýän howa şertleri ýaly howanyň üýtgemek şertlerine uýgunlaşmaga, şeýle hem alternatiw girdeji çeşmelerini tapmaga ýardam berdi. Uzak möhletleýin täsir hökmünde durmuşa geçirilen çäreler ýokardaky iki welaýatlaryň daýhan birleşikleriniň derejesinde **durnuklylygy we durnukly ösüşi**, şeýle hem howa bilen baglanyşykly durmuş-ykdysady jogap meýilnamasynyň işlerini gowulandyrmagyň çäginde ýerli derejede uýgunlaşmak boýunça karar bermek üçin göz öňünde tutulan grantlar arkaly oba hojalygyna ykdysady goldawy bilen üpjün edýär.

BMG-niň Betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek boýunça müdirligi Tebigy betbagtçylyga garşy durnuklylygy güýçlendirmek we Merkezi Aziýada 2019-2022-nji ýyllarda Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek üçin **Sendaý çarçuwasynyň durmuşa geçirilmegini çaltlaşdyrmak üçin Merkezi Aziýa** başlangyjynyň durmuşa geçirilmegini dowam etdirdi. Hökümet we BMG tarapyndan 2019-njy ýylda gol çekilen Betbagtçylygyň töwekgelçiligini peseltmek (DRR) we olara garşy çäre görmek, adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy üpjün etmek barada özara düşünişmek ähtnamasy, esasy howplary kartalaşdyrmak esasynda betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmagy güýçlendirmegi, irki duýduryş ulgamlaryň goldawyny, adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy we jogap çärelerini ýokarlandyrmagy, maglumat alyşmagy we utgaşyklygy göz öňünde tutýan 2020-nji ýyldaky bilelikdäki hereketler meýilnamasynyň esasyny düzdi. 2021-nji ýyl üçin bilelikdäki hereketler meýilnamasy 2020-nji ýylyň dekabrynda kabul edildi, onuň esasy tapgyry betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek **boýunça milli platformanyň döredilmegi bolar**.

2500-den gowrak daýhanlaryň durumlylygy howa şertleriniň üýtgemegine **ýerli uýgunlaşmak çäreleri arkaly tutuş ýurt boýunça** (Daşoguz, Lebap we Ahal welaýatlary) güýçlendirildi. Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO), Nohur, Garagum (ikisem Ahal welaýatynda) we Gurbansoltan eje (Daşoguz welaýatynda) ilat nokatlarynyň ýaşaýjylaryny tokaý we çägeli zolaklarda ösýän ösümlikleriň nahalhanalaryny döretmek, ýagyn suwlaryny ýygnamak we saklamak üçin sardobalar (suw howdanlary) gurmak, topragyň duzlulygyny azaltmak üçin biologiki çäreler hökmünde buýan önümçiligini döretmek, şol sanda türkmen arçasyny we dagdan agajyny ekmek, tebigy serişdeleriň toplumlaýyn dolandyrylyş we Durnukly ýer dolandyrylyş (SLM) tejribesini öwretmek, peýdalanýanlara tebigy serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmagyň we Durnukly ýer dolandyrmagyň (SLM) netijeli tehnologiýalary barada broşýuralary çap etmek we ýaýratmak (öri meýdanlaryny dolandyrmak, damjalaýyn suwarmak, topragyň duzlulygyny dolandyrmak we ş.m.) arkaly üýtgeýän howa şertlerine uýgunlaşmaklaryny goldady.

4-nji Ileri tutulýan ugur

# Ykdysadyýetiň diwersifikasiýasy, iş üpjünçiligi we söwda



# AHYRKY NETIJE 7



Durnukly ykdysady diwersifikasiýa arkaly inklýuziw iş üpjünçiligini üpjün etmäge ýardam edýän strategiýalar we ýönekeýleşdirilen düzgünler bar

UNDP UNECE UNESCO International Trade Centre

Hökümet we BMG **Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliň pandemiýasyna (SERP) garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasyny işläp düzmek** we durmuşa geçirmek üçin öz tagallalaryny birleşdirdiler. Bu meýilnamanyň ýerine ýetirilişi degişli döwlet edaralary we BSGG, BMGÖM, ÝUNISEF, ÝUNFPA we BMG-niň beýleki guramalary, şeýle hem esasy ösüş ugrunda hyzmatdaşlar tarapyndan ýakyndan gözegçilik edildi.

BMGÖM, Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy (UNCTAD) we Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi Türkmenistanda eksport-import amallary üçin «Ýeketäk penjire» ulgamyny ornaşdyrmakda hyzmatdaşlyk etmek we goldaw bermek baradaky ähtnamasyna gol çekdiler. Ähtnama **eksport-import amallary üçin «Ýeketäk penjire»** taslamasyny durmuşa geçirip, taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Bilelikdäki taslamanyň çäginde gyzyklanýan taraplar sanlylaşdyrmagy güýçlendirer, pudagara hyzmatdaşlygyň iş proseslerini ýeňilleşdirer we sazlaşdyrar, şeýle hem Türkmenistanyň dünýä ykdysady giňişligindäki ornuny güýçlendirer. BMGÖM Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy (UNCTAD) bilen **hyzmatdaşlykda ASYCUDA World atly toplumlaýyn gümrük maglumat ulgamy** Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynda ornaşdyryldy. Ulgam bank, söwda we ulag pudaklarynda eksport-import amallary üçin «Ýeketäk penjire» ulgamynyň tapgyrlaýyn girizilmegi üçin esasy platforma bolup hyzmat eder. Bir penjire import we eksport edijilere ähli kadalaşdyryjy resminamalary bir portalda elektron görnüşde tabşyrmaga mümkinçilik berer, bu bolsa wagty tygşytlar we alnyp baryljak tagallalar üçin çykdajylary azaldar.

«ASYCUDA World» gümrük resmileşdirmesini şahadatnamalaryň, ygtyýarnamalaryň we ýurda haryt getirmek we çykarmak üçin zerur tassyklaýjy resminamalaryň gowşurylmagy we gözegçilik edilmegi ýaly beýleki kadalaşdyryjy amallar bilen elektron görnüşde baglanyşdyrar.







## "Biz söwda etmeýäris, halka hyzmat edýäris"

Öz işine başlan Amanyň hekaýasyny okaň şu ýerde okaň

Ýaponiýanyň hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýän **«Merkezi Aziýada zorlukly ekstremizmiň öňüni almak üçin jemgyýetiň durnuklylygyny we sebitleýin hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak»**, atly sebitleýin maksatnamasyna laýyklykda, BMGÖM Ýaponiýanyň hökümetiniň hasabyna öz gyzyklanmalaryna laýyk gelýän hünär almak üçin **1,294 sany ýaşlar** üçin iş mümkinçiligini döretdi, şol sanda

527 707

6 synag şäherçesinde

Bu mümkinçilikler şulary öz içine alýar:

- iş üpjünçilik bölümleri tarapyndan berilýän iş üpjünçilik meseleleri boýunça **maslahatlaryny**
- resmi mekdeplerde **hünär bilimini**
- hususy halypalar bilen **okuwy**
- iş başarnyklary boýunça **onlaýn okuwy**
- özbaşdak işe **goldaw** bermegi we gurallar hem-de enjamlar bilen üpjün etmek arkaly täze kiçi kärhanalaryň açylmagyny

Bu ýaşlaryň **85 % iş tapyp**, özbaşdak işlemäge we özleriniň kiçi telekeçilik işlerini başlap bildiler

Taslamanyň goldawy bilen açylan täze kärhanalar tarapyndan goşmaça **60 iş ýerleri** döredildi

Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi bilen hyzmatdaşlykda iş gözlemekde ulanmak üçin ykjam programma döredildi we işe girizildi

Döwlet gullugy akademiýasynda sanly dolandyryş boýunça magistr programmasy girizildi. Magistr programmasy **Türkmenistanyň Sanly ykdysadyýetini ösdürmek** konsepsiýasynyň ylmy we tehniki netijeliligini ýokarlandyrmaga, ylmy barlaglaryň ykdysady netijeliligini şeýle hem bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ýaýbaňlaşdyrmaga, ykdysadyýetde we döwlet gullugynda sanly üýtgeşmeleriň intellektual goldawyna gönükdirilen esasy düzgünlerini görkezýär. BMG guramalary, şol sanda Halkara zähmet guramasy, BMGÖM, BMG Ýewropa boýunça ykdysady komissiýasy dünýä ykdysadyýetine integrasiýany güýçlendirmek, halkara söwdasyny ýeňilleşdirmek we COVID-19 pandemiýasy sebäpli ýüze çykan ykdysady çökgünligi ýeňip geçmek üçin goldaw bermegi dowam etdirdi.

Döwlet Daşary ykdysady iş banky BMGÖM bilen bilelikdäki taslamanyň çäginde **Halkara Maliýe Hasabat Standartlary – MHHS 9-nyň** durmuşa geçirilmegi netijesinde Türkmenistanda 2020-nji ýylyň Banky diýlip ykrar edildi. Türkmenistanyň Bütindünýä bankynyň «Doing Business» taslamasyna goşulmagy barada onlaýn gepleşikler başlandy.

Merkezi Aziýa sebitinde sebitara we halkara söwdany höweslendirmek üçin Halkara Söwda Merkezi (ITC) Ýewropa Bileleşiginiň maliýe goldawy bilen Türkmenistanda täze sebitleýin taslamasyny durmuşa geçirdi. 2020-nji ýylda Türkmenistanyň 2021-2030-njy ýyllar üçin täze daşary söwda strategiýasyna syn geçirildi, şeýle hem **Türkmenistanyň Bütindünýä söwda guramasyna girmek** baradaky teklibine baha berildi. Şeýle hem, Halkara söwda merkezi (ITC) **onlaýn söwdany ýeňilleşdirmek boýunça portalyň döredilmegine** we portalyň netijeli işlemegi üçin milli hünärmenleriň mümkinçilikleriniň pugtalandyrylmagyna hemaýat berdi. Kiçi we orta telekeçiligiň serhetaşa talaplaryna laýyklykda hereket etmek mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak üçin eksporty dolandyrmak boýunça okuw maksatnamasynyň taslamasy işlenip düzüldi we kiçi we orta telekeçilik üçin okuw gollanmasy taýýarlanyldy. Mundan başga-da, serhetara söwdalarda zenanlaryň gabat gelýän meselelerine baha bermek we 200-den gowrak özbaşdak işleýän telekeçileriň (şol sanda zenanlaryň), kiçi we orta kärhanalaryň we milli hyzmatdaş guramalaryň gatnaşmagynda serhet gulluklaryň gender meselesine degişlilikde adaty tejribeleri barada maglumat ýygnamak üçin barlag geçirildi.

5-nji Ileri tutulýan ugur

# Dolandyryş we hukugyň hökmürowanlygy



# AHYRKY NETIJE 8



Döwlet edaralary kanunlary, milli maksatnamalary we strategiýalary hemme taraplary gatnaşdyrmak görnüşinde we ýurduň adam hukuklary borçnamalaryna laýyklykda durmuşa geçirýär we gözegçilikde saklaýar

UNDP ILO IOM UN MIGRATION UNHCR The UN Refugee Agency UNITED NATIONS HUMAN RIGHTS OFFICE OF THE HIGH COMMISSIONER UNFPA UNODC United Nations Office on Drugs and Crime unicef

BMG guramalary ýurduň adam hukuklary boýunça halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekde hökümete goldaw bermegini dowam etdirdi. ÝUNISEF Gatnaşyjy döwletiň milli hasabatynyň **Çaganyň hukuklary boýunça komitetine (ÇHK)** taýýarlanmagyny we hödürlenmegini goldady. ÇHK-iň milli hasabatynyň taýýarlanylmagyna Türkmenistanyň dürli künjeklerinden 150-den gowrak çagalar gatnaşdy, olar özlerini gyzyklandyrýan we geljekde näme gowulaşdyrmak isleýändikleri barada öz pikirlerini aýtdylar. Çaganyň bähbitlerine hormat goýmak ýörelgesiniň berjaý edilmegi babatynda milli kanunçylygyň seljermesi geçirildi. Jenaýat we Jenaýat iş ýörediş Kodekslerine, Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakyndaky Kanuna we ş.m. üýtgetmeler girizmek barada teklipler berildi. Mundan başga-da, adam hukuklary we ynsanperwer kanunlar babatynda halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça sebit wekillerini goşmak bilen pudagara iş toparynyň gatnaşmagynda, Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň utgaşdyrmagynda 2018-2022-nji ýyllarda Çaga hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça **Hereketleriň Milli meýilnamasyna (NAP) orta möhletleýin** syn geçirildi.






**Raýatlygy ýok etmek baradaky hereketleriň milli meýilnamasynyň (2019-2024)** çäginde BMG-niň bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň müdirligi raýatsyzlygy kesgitlemegiň proseduralarynyň we raýatsyzlygy ýok etmek üçin kanuny reformalaryň, şeýle hem 2022-nji ýyldaky milli ilat ýazuwynyň çäginde ýurtdaky raýatsyzlygyň doly derejesi barada ygtybarly maglumatlaryň kabul edilmegini goldady.

BMG-niň Bosgunlar boýunça Ýokary Komissarynyň müdirliginiň we onuň hyzmatdaşlarynyň goldawy we wagyz-nesihat işleri netijesinde 1-nji iýulda raýat **ýagdaýlarynyň hasaba alnyş aktlary baradaky** täze kanuny güýje girdi, bu kanun hemme dogluşlaryň hasaba alynmagyny kepillendirýär, şol sanda resminamasyz adamlaryň doglan çagalary we raýatlygy kesgitlendirilmedik ene-atalaryň çagalary üçin. Şeýlelik bilen çagalaryň raýatlygy bolmazlygynyň öňi alynýar.

Mundan başga-da, Türkmenistan 2020-nji ýylyň dekabrynda 19 dürli milletlerden bolan 2580 raýatsyz adamlara (olaryň takmynan 60% -i aýallar) raýatlyk bermek arkaly raýatsyzlygy ýok etmekde öňegidişlik gazandy. Mundan başga-da, raýatsyzlygy ýüze çykarmak we azaltmak boýunça taslamasyny durmuşa geçirýän raýat jemgyýetinden hyzmatdaşlar raýatlygy bolmadyk 367 adamlary ýüze çykardylar we 2020-nji ýylda 306 adama üstünlikli ýardam berdiler.

BMG-niň agentlikleri 2021-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Adam Hukuklary boýunça **Hereketleriň ikinji milli meýilnamasyny**, 2021-2025-nji ýyllar üçin gender deňligi boýunça Hereketleriň Milli meýilnamasyny we 2021-2025-nji ýyllar üçin **Ýaşlaryň Milli Syýasatyny** işläp düzmek bilen baglanyşykly degişli döwlet edaralaryna maslahat goldawyny berdi. Mundan başga-da, ÝUNFPA-nyň goldawy bilen gender zorlugyna garşy göreşmek boýunça standart iş kadalary (SOP) we maşgaladaky zorluk hakyndaky nusgawy kanun işlenip düzüldi. Bu resminamalar, Türkmenistanyň adam hukuklary we halkara ynsanperwer hukugy babatynda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün eder.

BMGÖM Türkmenistanyň adam hukuklary boýunça halkara **borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek** we birnäçe seminarlar we geňeşmeler arkaly BMG-niň şertnamalaýyn guramalaryna milli döwürleýin hasabatlary taýýarlamak üçin Adam hukuklary boýunça pudagara toparynyň wekilleriniň hünärlerini ýokarlandyrmak boýunça işini dowam etdirdi. Şeýle hem, **BMG-niň gynamalara garşy konwensiýasy barada** döwürleýin hasabaty taýýarlamak hemde täze umumy resminamany taýýarlamak boýunça halkara bilermeniň we Iş toparynyň gatnaşmagynda birnäçe tehniki okuwlar geçirildi.

BMGÖM-iň goldawy bilen **2016-2020-nji ýyllar üçin adam hukuklary boýunça** milli hereketler meýilnamasynyň amala aşyrylşyň netijeleriniň seljermesi geçirildi. Seljeriş işi BMG guramalarynyň, döwlet edaralarynyň, raýat jemgyýeti guramalarynyň we ikitaraplaýyn donorlaryň dürli gyzyklanýan taraplarynyň giň we öz içine alyjy gatnaşmagy esasynda geçirildi. Bahalandyrmanyň netijeleri we alnan sapaklar hökümete we halkara hyzmatdaşlara hödürlendi. Onuň teklipleri 2021-2025-nji ýyllar üçin adam hukuklary boýunça milli hereketler meýilnamasynyň işlenilmegi üçin esas boldy. Adam hukuklary boýunça milli hereketler meýilnamasynyň taslamasy Hökümete tassyklamak üçin hödürlendi.






BMG-niň düzümleýin edaralary Adalatçynyň (adam hukuklary boýunça adalatçynyň) edarasynyň institusional mümkinçiliklerini güýçlendirmegi dowam etdirdi. BMGÖM **Milli Adam Hukuklary Guramalarynyň Global Bileleşiginiň (GANRI)** akkreditasiýa prosesini goşmak bilen, adalatçynyň edarasynyň mümkinçilikleri artdyrmak goldawyny bermegi dowam etdirdi.

BMGÖM Milli Adam Hukuklary Guramalarynyň Global Bileleşiginiň (GANRI) akkreditasiýasy ugrunda kuwwatyny güýçlendirmek maksady bilen Adalatçy we Milli Adam Hukuklary Guramalarynyň Aziýa-Ýuwaş umman Forumy (APF) arasynda gepleşikleri goldady.

ÝUNISEF, Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissarynyň müdirligi Global pandemiýa döwründe Adalatçynyň orny barada, esasanam, migrant maşgalalara we maýyplygy bolan çagalara kömek bermek ugrundaky orny barada ugrukdyryjy okuwy geçirdi, şeýle hem Adalatçynyň edarasy üçin çaganyň hukuklary boýunça komitetiň alternatiw hasabatyny taýýarlamak boýunça okuwy geçirdi.

Adalatçynyň edarasy bilen hyzmatdaşlykda we Içeri işler ministrliginiň welaýatdaky wekilleriniň gatnaşmagynda okuw geçirildi we hukuk goraýjy edaralaryň, Ýokary Kazyýetiň, Adalat ministrliginiň, Merkezi bankynyň we beýleki edaralaryň wekilleri üçin ýuwenal ýustisiýa ugrunda işleri giňeltmek üçin mundan beýläk geçirilmeli çäreleri teklip edildi. 1976-njy ýyldaky üç **taraplaýyn maslahatlar baradaky HZG-niň konwensiýasynyň** (Halkara zähmet standartlary) (No. 144[7]) 2019-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda Türkmenistan tarapyndan tassyklanylandan soň, HZG hökümete, işçileriň we iş berijileriň guramalaryna konwensiýanyň 2020-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda güýje girmegine taýýarlyk görmekde goldaw berdi.

BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi hukuk goraýjy edaralar üçin neşe serişdeleriniň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy meseleleri, terrorizmiň öňüni almak, aktiwleri yzyna gaýtarmak, gümrük gözegçiligi, Ileri tutulýan söwda gözegçiligi, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň degişli rezolýusiýalary we olaryň durmuşa geçirilmegi boýunça birnäçe okuw geçirdi.

Mysal üçin, 2020-nji ýylda BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi 80-den gowrak gümrük işgärini 8 okuw meýilnamasy boýunça taýýarlady we **Konteýner gözegçilik maksatnamasynyň çäginde** ýük gelmezden ozal maglumat alyşmak üçin Döwlet gümrük gullugyna ýörite enjamlary satyn alyp berdi.

2020-nji ýylda BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi esasy gyzyklanýan taraplar bilen Türkmenistanda adam söwdasynyň öňüni almak boýunça bilermenleriň 3 ýygnagyny geçirdi we kazyýet ekspertizasy boýunça pudagara utgaşdyryjy ýygnak gurnady. Şeýle hem Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň kriminologiýa merkeziniň we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Merkezi kazyýet ekspertiza býurosynyň 20 sany kazyýet-lukmançylyk bilermenleri üçin akkreditasiýa prosesi, içerki audit we dolandyryş barlagy boýunça onlaýn-tälim okuwyny geçirdi.

Halkara migrasiýa guramasy (IOM) Hökümetiň meýletin syna gatnaşmak we **migrasiýa boýunça Global Ylalaşygyň** ýerine ýetirilişi baradaky hasabatyny bermek baradaky başlangyjyny goldady. BMG-niň Ýewropa ykdysady komitetiniň (UNECE) we Aziýa-Ýuwaş umman üçin ykdysady we durmuş komissiýasynyň kömegi bilen 2021-nji ýylyň mart aýynda indiki meýletin syn üçin taýýarlyk görülýär.

7 144 belgili konwensiýa, zähmet pudagynyň ähli taraplaryny dolandyrýan halkara zähmet ülňülerini ösdürmek, durmuşa geçirmek we öňe sürmek üçin üç taraplaýyn geňeşmeler arkaly hökümetler, iş berijiler we kärdeşler arkalaşyklaryny birleşdirýän durmuş gepleşik ýörelgesini öňe sürýär. Konwensiýa halkara zähmet standartlaryň berjaý edilşine gözegçilik etmek we kabul etmek üçin üç taraplaýyn maslahat berilmegini talap edip, HZG-ň kadalaşdyryjy işini goldaýar. Mundan başga-da, 144 belgili konwensiýa goşmaça resminama bolan 152 belgili maslahat, HZG-ň milli derejede alyp barýan işleri bilen baglanyşykly üç taraplaýyn geňeşmeler barada görkezme berýär.

# HYZMATDAŞLYK GATNAŞYKLARYNY GOLDAMAK WE 2030-NJY ÝYLA ÇENLI DÖWÜR ÜÇIN GÜN TERTIBINI MALIÝELEŞDIRMEK





Ýurtda DÖM-i milli utgaşdyrylan maliýeleşdiriş mehanizmleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen, BMG-niň Ýurt boýunça topary (UNCT) **maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmleri (INFF)** konsepsiýasyny Hökümete hödürledi. Bu çemeleşmäniň, esasanam, global pandemiýa kontekstinde barha artýan ähmiýetini göz öňünde tutup, Hökümet onuň işleýiş mehanizmleri barada giňişleýin öwrenmäge gyzyklanma bildirdi. Bu gyzyklanmany göz öňünde tutup, BMG-niň ýurt boýunça topary, BMG-niň Ykdysady we Durmuş meseleleri boýunça bölümi (UN DESA) we Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen bilelikde **«DÖM-iň durmuşa geçirilişini maliýeleşdirmek: Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmleriniň orny»** atly halkara okuwyny geçirdi. Bu maslahat COVID-19 sebäpli ýüze çykan global çökgünlik döwründe 2020-nji ýylyň maý aýynda geçirildi, oňa BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin ýörite maksatnamasynyň (SPECA) agza ýurtlarynyň maliýe/ykdysadyýet ministrleri, BMG-niň we Halkara maliýe guramalarynyň ýokary derejeli wekilleri gatnaşdy. Bu çäre BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin ýörite maksatnamasynyň (SPECA) agza ýurtlarynyň arasynda COVID-19 pandemiýasynyň durmuş-ykdysady täsirini peseltmek boýunça dessin çäreleri barada pikir alyşmaga we bu çäreleri Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmleri arkaly DÖM uzak möhletleýin maliýeleşdirmek maksatlary bilen birleşdirmäge mümkinçilik berýär. Gatnaşyjylar COVID-19 pandemiýasynyň BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin ýörite maksatnamasynyň (SPECA) ýurtlarynda DÖM durnukly ösüşi we maliýeleşdirilmegi üçin çynlakaý täsiriniň bardygyny ykrar etdiler. Olar pandemiýanyň durmuş-ykdysady täsirini aradan aýyrmak üçin ähli gerekli syýasy çäreleri kabul etmäge we ilatyň has ejiz toparlaryna gönükdirilen durmuş goraglylyk ugrunda goldawyny bermäge, şeýle hem saglygy goraýyş, bilim, durmuş taýdan üpjünçiligi pudaklaryny netijeli maliýeleşdirmegiň zerurlygy we deňsizlik ýaly gurluş ýetmezçiliklerini aradan aýyrmaga borçlandylar. BMG-niň Ýurt boýunça toparynyň (UNCT) Maliýeleşdirmegiň milli mehanizmlerini döretmek ugrundaky işiniň netijesinde 2020-nji ýylyň dekabrynda **Hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasynyň bilelikdäki dolandyryş komiteti** Türkmenistanda Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmlerini bilelikde işläp düzmek barada karar kabul etdi. 2021-nji ýylda bu başlangyjyň çäginde degişli hökümet edaralary bilen bilelikde işleşmek meýilleşdirilýär, şeýle hem ukyby ýokarlandyrmak boýunça birnäçe okuwlary we çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Mundan başgada, Türkmenistanda Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmleriniň konsepsiýasynyň taýýarlanylmagy Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasynyň makroykdysady komponentine çäreleriniň biri hökmünde girizildi.

BMG-niň Ýurt **boýunça topary ýylyň** dowamynda DÖM-i maliýeleşdirmek meseleleri boýunça BMG-niň Ykdysady we durmuş meseleleri boýunça bölümi; baglanyşyklylygy giňeltmek boýunça Aziýa we Ýuwaş umman sebiti üçin ykdysady we durmuş komissiýasy, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy (UNECE), CAREC instituty; Durmuş-ykdysady çäreleriň meýilnamasynyň durmuşa geçirilmek boýunça taslamasyny maliýeleşdirmek üçin halkara maliýe guramalary (ADB, WB, EBRD we IMF), ýurtda sanlylaşdyrmak prosesini ösdürmek üçin «Ýeketäk penjire» hyzmatlaryny girizmek boýunça UNCTAD we ilatyň ejiz toparlaryna hyzmatlar bermek boýunça ýerli jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkidip bildi. BMG-niň Ýurt boýunça topary (UNCT) DÖM-iň maliýeleşdirilmegi boýunça birnäçe milli edaralar (Merkezi bank, Döwlet daşary ykdysady iş banky, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi), durmuş hyzmatlaryny bermek boýunça Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, beýleki ministrlikler we birnäçe döwlete degişli däl guramalar bilen hyzmatdaşlyk etdi. BMG-niň ýurtdaky wekilhanalary 2020-nji ýylyň dekabrynda bilelikde maliýeleşdirmek meselesine degişlilikde (BMGÖM, ÝUNFPA) Hökümet bilen Özara Düşünişmek Ähtnamasyna we degişli ministrlikler bilen ýyllyk iş meýilnamalaryna gol çekdiler.

# BILELIKDE HAS KÖP WE HAS GOWY IŞLEÝÄN BMG-NIŇ GAZANAN NETIJELERI: BMG-NIŇ SAZLAŞYKLYGY WE NETIJELILIGI








Geljek bäş ýylda Türkmenistanda bilelikdäki hyzmatdaşlygyň Ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek

BMG-niň Ýurt boýunça topary (UNCT) Durnukly ösüş **maksatlaryna ýetmekde ýurda netijeli goldaw bermekligi ýokarlandyrmak** we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen BMG-niň Ösüş ulgamynyň reformasyny iki ýyl bäri amala aşyrýar.

BMG-niň Hemişelik Utgaşdyryjysy we onuň edarasy Hökümet we BMG-niň düzümleýin edaralary tarapyndan maksatnamalary **durmuşa geçirmek** we ýüze çykýan meseleleriň çärelerini işläp taýýarlamak üçin BMG-niň düzümleýin edaralarynyň ählisini, ösüş hyzmatdaşlaryny we milli gyzyklanýan taraplaryny bir ýere jemlemek bilen adalatly subýekt hökmünde ykrar edildi.

BMG-niň hemişelik utgaşdyryjysy, ýylyň dowamynda **Hökümet bilen utgaşdyrylan gatnaşygy** üpjün etmek üçin BMG-niň ýurt boýunça toparynyň we ösüş hyzmatdaşlarynyň arasynda has ýakyn hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm orny eýeledi. Ileri tutulýan ugurlar boýunça Hökümet tarapyndan başlanan gepleşikleri guramakda ýardam bermek üçin BMG-niň Hemişelik Utgaşdyryjysynyň edarasyna ýüz tutmalaryň, şeýle hem BMG-niň düzümleýin edaralarynyň we ösüş hyzmatdaşlarynyň ýurda netijeli goldaw berilmegine päsgelçilik döredýän meseleler boýunça milli hyzmatdaşlar bilen ara alyp maslahatlaşmagy höweslendirmek we başlamak baradaky ýüz tutmalarynyň köpelýän sany muňa şaýatlyk edýär.

COVID-19 pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň meýilnamasyny we ýurt boýunça taýýarlyk we çäreler meýilnamasyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça BMG, **Hökümet we Ösüş hyzmatdaşlarynyň arasyndaky maslahatlar; BMG-niň Hemişelik Utgaşdyryjysynyň edarasy, BMG-niň Ykdysady we Durmuş meseleleri boýunça bölümi (UN DESA)** we Maliýe we Ykdysadyýet ministrligi bilen bilelikde 2020-nji ýylyň maý aýynda geçirilen **«DÖM-niň durmuşa ge-çirilşini maliýeleşdirmek: Maliýeleşdirmegiň toplumlaýyn milli mehanizmleriniň orny»** atly halkara okuwy; Aziýa we Ýuwaş umman sebiti üçin ykdysady we durmuş komissiýasy, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy (UNECE) we ösüşi pes bolan ýurtlar, deňize çykyşy bolmadyk ösýän ýurtlar, we ösýän kiçi ada ýurtlar boýunça ýokary wekiliň kanselýariýasy, SPECA sebitindäki BMG-niň wekilhanalary, Gruziýa we Türkiýe bilen hyzmatdaşlykda 2020-nji ýylyň sentýabr aýynda geçirilen COVID-19 döwründe SPECA sebitinde we onuň daşynda ulag aragatnaşygyny güýçlendirmek boýunça Merkezi Aziýa gepleşikleri BMG-niň ýurt derejesinde özgerdilmeginiň mysalydyr.

Hyzmatdaşlyk ugrunda **Çarçuwaly Maksatnama gol çekilmegi netijesinde** emele gelen UNCT-iň täze düzümi, bu maksatnamanyň durmuşa geçirilmegine gatnaşmak isleýän BMG-niň 19 düzümleýin edaralaryny öz içine alýar. 2016–2020-nji ýyllar üçin Hyzmatdaşlyk ugrunda Çarçuwaly Maksatnamanyň öňki tapgyryndaky düzümi bilen deňeşdirilende BMG-niň Ýurt boýunça toparyň düzüminiň iki esse köpelmegi has köp korporatiw tejribäniň BMG-niň has giň ulgamyndan geljekdigini görkezýär.

BMG guramalary, şol sanda BMGÖM, ÝUNISEF we ÝUNFPA Ileri tutulýan maksatlara we 2021-2025-nji ýyllar döwri üçin Hyzmatdaşlyk ugrunda çarçuwaly maksatnamanyň jemlerine esaslanýan özleriniň ýurt boýunça maksatnamalaýyn resminamalaryny işläp taýýarladylar.

Bu bäş ýyllyk Hyzmatdaşlyk ugrunda Çarçuwaly Maksatnamanyň Ileri tutulýan ugurlary bilen umumy sazlaşygy üpjün etdi, şeýle hem BMG düzümleýin edaralarynyň we degişli **Hökümet edaralarynyň ýolbaşçylary** tarapyndan bilelikde baştutanlyk edilýän Hyzmatdaşlyk ugrunda çarçuwaly maksatnamanyň netijeleri boýunça bäş toparlar tarapyndan Bilelikdäki iş meýilnamalarynyň işlenilmegine ýardam etdi.





Häzirki wagtda BMG-niň **Ýurt boýunça topary 2030-njy ýyla** çenli döwür üçin Gün tertibini durmuşa geçirmekde Hökümet bilen pudagara gatnaşyklarynyň işjeňleşdirilmegine üns berýär.

BMG-niň Ýurt boýunça topary we Halkara maliýe guramalary Daşary işler ministrligi we beýleki degişli ministrlikler bilen maglumatlaryň elýeterliligini üpjün etmek, dürli halkara maglumat binýadynda Türkmenistanyň durumy barada milli habarlylygy ýokarlandyrmak üçin maglumat işlerini alyp barýarlar (UNESCAP, UN DESA, Adam ösüşi barada hasabat we Global DÖM indeksi), DÖM görkezijileri boýunça BMG-niň jogapkär guramalary bilen milli maglumatlaryň alyş-çalşygy we **DÖM boýunça** milli iş topary **bilen milli DÖM** maglumat binýadynyň döredilmegini wagyz etmek, **BMG-niň Adam hukuklary meselesinde Türkmenistanyň halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça pudagara topary bilen özara gatnaşyklar üçin umumy ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek** we Bilelikdäki hereketler meýilnamasyny durmuşa geçirmek ýurduň ösüş meselelerini çözmekde BMG-niň umumy çemeleşmesiniň ýene bir mysalydyr.

Üstünlikli pudagara hyzmatdaşlygyň gowy mysallaryndan ýene biri, bilelikdäki DÖM gaznasy tarapyndan maliýeleşdirilýän **Ýerli derejedäki durmuş hyzmatlary atly** Bilelikdäki maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi boldy.

COVID-19 pandemiýasy sebäpli ýüze çykan kynçylyklara we çäklendirmelere garamazdan, esasy netijeler şulary öz içine alýar: Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan **45 sany durmuş işi boýunça hünärmenler** işe alyndy, ýurduň 5 welaýatlarynda we Aşgabatda on sany milli tälimçi taýýarlanyldy; **Mejlisiň we esasy ministrlikleriň dykgatyna** ýetirilen kanunçylyga giňişleýin syn bermek we kanunçylyga üýtgetmeler girizmek baradaky deslapky teklipler; 2021-nji ýylyň sentýabr aýynda **okatmak üçin girizilmegi meýilleşdirilýän jemgyýetçilik** işi boýunça okuw maksatnamasynyň taslamasyny taýýarlamak.

**Ýöriteleşdirilen durmuş hyzmatlar üçin hyzmatlaryň aýratynlyklary, bar bolan durmuş hyzmatlaryň** inwentarizasiýasy geçirilende ýüze çykarylan kemçiliklere düşünmek esasynda işlenip düzüldi. Hökümetiň esasy karar berýän taraplarynyň arasynda ýerli derejede jemgyýetçilik işi we jemgyýetçilik hyzmatlary barada umumy düşünmek, ýerli derejede hyzmat ediş nusgalaryny işläp düzmek baradaky ylalaşyk bilen bilelikde döredilýär. 2020-nji ýylda ýakyn pudagara hyzmatdaşlygyň şol sanda Hökümet bilen hyzmatdaşlygyň beýleki netijelerine şular girýär:

Bilelikdäki DÖM gaznasyna, COVID-19 garşy **çäreleri görmek we ondan saplanmak** boýunça gaznasyna, Birleşen Milletler Guramasynyň Maýyplygy bolan adamlaryň Hukuklary baradaky gaznasyna, Birleşen Milletler Guramasynyň ynsan howpsuzlygy baradaky gaznasyna, BMG-niň Ýurt boýunça topary (UNCT) tarapyndan ýedi sany **bilelikdäki maksatnamalar boýunça teklipler bermegi** (döwlet maliýe serişdelerini dolandyryş ulgamyny özgertmek, Milli DÖM maýa goýum gaznasyny döretmek; Sanly saglyk, uzak aralykdan okuw we sanly bilim, onlaýn işewürlik sanawy we aýal-gyzlaryň telekeçiligi, maýyplygy bolan adamlara goldaw bermek we adam howpsuzlygyny ýokarlandyrmak). **Birleşen Milletler Guramasynyň Ynsan howpsuzlygy baradaky maksatly gaznasy tarapyndan milli hyzmatdaşlara hödürlenen global pandemiýanyň köp ölçegli töwekgelçiliklerini azaltmak boýunça ýaşlaryň habardarlygyny we gatnaşygyny ýokarlandyrmak boýunça bilelikdäki maksatnamany maliýeleşdirmek** üçin tassyknama alyndy. Bilelikdäki maksatnamanyň 2021-nji ýylyň maý-iýun aýlarynda başlamagyna garaşylýar.

Milli syýasaty ösdürmekde bilelikdäki goldawyň çäklerinde ÝUNFPA, ÝUNISEF, BMGÖM we BMG-niň Hemişelik Utgaşdyryjysynyň edarasy milli ylmy taýdan esaslandyrylan ýaşlar **syýasaty strategiýasynyň işlenip** düzülmegine goşant goşdy. BMG Hökümete Ýaşlar syýasaty boýunça iş toparyny döretmekde, 2015-2020-nji ýyllar üçin Ýaşlar syýasaty baradaky Döwlet maksatnamasyny seljermekde we 2021-2025-nji ýyllar üçin Ýaşlar syýasaty baradaky Döwlet maksatnamasyny işläp düzmekde Hökümete goldaw berdi. Milli mümkinçilikler ýaşlary syýasata çekmek boýunça mehanizmleri we ýaşlar syýasatyny taslamak, durmuşa geçirmek we gözegçilikde saklamak boýunça iň oňat tejribeler arkaly döredildi.

Umuman aýdanyňda, BMG-niň Hemişelik Utgaşdyryjysy tarapyndan edilýän ýolbaşçylyk, BMG-iň Ýurt Toparynyň guramalary tarapyndan görkezilen hyzmatdaşlyga taýynlyk, BMG-niň Ýurt boýunça toparynyň çäginde bar bolan maslahatlar platformalary we özara **hasabatlylyk mehanizmleri BMG-niň özgerdilmesii** ýurt derejesinde üstünlikli durmuşa geçirilmegini üpjün etdi we bu toparyň bileleşigini güýçlendirdi, şeýle hem BMG goldaw maksatnamalarynda utgaşyklygy üpjün etdi.

## JEMGYÝETÇILIK BILEN BITEWI ARAGATNAŞYGY ÜPJÜN ETMEK

BMG-niň Türkmenistandaky jemgyýetçilik gatnaşyklary boýunça Topary, **Hereketleriň onýyllygynyň başlamagy**, COVID-19 töwekgelçilikleri barada habardarlyk we BMG günleri, şol sanda UN75 kampaniýasy ýaly BMG-niň ileri tutulýan ugurlary barada habar bermekde möhüm orny tutdy. DÖM ilçileriniň täze topary öz işine başlady we Hereketleriň onýyllygyny durmuşa geçirmek boýunça tagallalaryna goşuldy.

BMG-niň bu topary, COVID-19 töwekgelçilikleri barada habar bermek boýunça tagallalarynyň çäginde arassaçylygy wagyz edýän wideolary taýýarlamak, žurnalistler üçin töwekgelçilikler barada habar bermek we jemgyýetiň gatnaşygy barada brifingleri geçirmek, öýde we jemgyýetde sagdyn we jogapkärli özüni alyp barmak üçin onlaýn platformalarda bar bolan ýetginjeklere, **ene-atalara, göwreli we emdirýän aýallara**, şeýle hem ýaşululara anyk maglumatlar berýän mekdeplerde elleri ýuwmak we asgyrmagyň/üsgürmegiň düzgünleri barada habar beriş materiallaryny taýýarlamak arkaly milli habar beriş serişdeleriniň üsti bilen köpçülige habar berdi.

BMG-niň Ýurt boýunça topary uniwersitetiň talyplary üçin leksiýalar, onlaýn gepleşikler, ýerli metbugatda birnäçe makalalar, meşhur türkmen blogerleriniň we DÖM-niň ýaş ilçileriniň gatnaşmagynda onlaýn bäsleşikler ýaly birnäçe başlangyçlar arkaly **#UN75** global kampaniýasyna goşuldy.

Birleşen Milletler Guramasynyň 75 ýyllygy mynasybetli **«Netijeli hyzmatdaşlygyň üsti bilen COVID-19-a garşy göreşmek ugrundaky ygrarlylygymyzy tassyklamak»** şygary bilen, BMG-niň Ýurt boýunça topary global pandemiýa garşy göreşmek, onuň täsirini azaltmak we Türkmenistanyň inklýuziw durnukly ösüşi üçin has netijeli dikeldişi wagyz etmek boýunça bilelikdäki tagallalary aýan etmeklige gönükdirilen onlaýn-maglumat beriş kampaniýasyna başlady.

Mundan başga-da, 2020-nji ýylyň dowamynda BMG-niň Ýurt boýunça topary halkara senelerine we BMG kampaniýalaryna bagyşlanan onlaýn maglumat çärelerini, şol sanda:

- Adam hukuklary güni
- Holokost pidalaryny ýatlamak güni
- Halkara zenanlar güni
- 16 iş gününiň dowamynda #ErkeklerHem (#MenEngage) kampaniýasyny

şeýle hem hökümet tarapyndan sergiler, konferensiýalar we brifingler görnüşinde guralan çäreleri gurnady.

# GEÇIRILEN IŞLERIŇ NETIJELERINIŇ SELJERMESI WE GAZANYLAN TEJRIBE





1 BMG DÖM görkezijileriniň, milli maglumatlarynyň global maglumat binýadyna iberilmeginiň we DÖM-iň milli ösüş boýunça meýilnamalaryna mundan beýläkde goşulmagynyň ähmiýeti barada Hökümet bilen hyzmatdaşlyk edýär.

2 BMG DÖM maksatly görkezijilerini kesgitlemekde we DÖM pudaklaýyn maksatnamalara girizmekde we milli maglumatlaryň halkara maglumat binýadyna yzygiderli ibermekde Hökümete goldaw bermegini dowam etdirer. 2019-njy ýyldan bäri berilýän goldawa garamazdan DÖM boýunça milli maglumat binýady entek hem döredilmedi.

Maglumat ulgamlaryny güýçlendirmekden başga-da, Ileri tutulýan karar kabul etmekde hünärmenleriň maglumatlary netijeli ulanmak ukybyny ösdürmegi dowam etdirmek möhümdir.

3 Mundan başga-da, 2019-njy ýyl boýunça MMS (Meýletin milli syn) maglumatlary BMG-niň global maglumat binýadynda henizem ýok, şonuň üçin durnukly ösüş ýolunda ýurduň hakyky gazananlaryny doly açmaýar we ýoýýar.

COVID-19 töwekgelçiliginiň öňüni almak boýunça milli tagallalaryň dowamynda hil taýdan gowy maglumatlarynyň elýeterliligi bilen bagly meselesi hasam ýitileşdi, hil taýdan gowy maglumatlarynyň ýoklugy COVID-19 pandemiýasyna garşy BMG-niň we Hökümetiň bilelikdäki meýilnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine täsir edýär.

4 Ýokardaky maglumatlar bilen bagly meseleleri çözmek, DÖM durmuşa geçirmek üçin maglumatlaryň aç-açanlygyny we elýeterliligini ýokarlandyrmakda has gowy netijeleri gazanmak üçin BMG öz düzümleýin edaralarynyň tagallalaryny we serişdelerini birikdirer.

5 Işleriň biri Statistika baradaky Döwlet komitetiniň we degişli milli bölümleriň Ileri tutulýan kararlary kabul etmekde maglumatlary netijeli ulanmak nukdaýnazaryndan hünär derejesini ýokarlandyrmak bolar. Bu işiň çäginde, DÖM gözegçilik etmekligi hem-de ondan soňky döwürde uzak möhletli çözgütleri üpjün edýän pudaklaýyn maglumat dolandyryş ulgamlaryny üpjün etmek üçin başlangyç ädim hökmünde, 2019-njy ýyl boýunça MMS (Meýletin milli synynda) ýerleşdirilen DÖM maglumat platformasynyň döredilmegini goldamagy dowam etdirer. Statistika baradaky Döwlet komitetine 2021-nji ýylda BMG-niň Yewropa ykdysady komissiýasynyň global statistiki baha berşine taýýarlyk görmekde we oňa gatnaşmakda goldaw berler.



Birnäçe seljermeler we barlaglar 2020-nji ýylda başlandy we üstünlikli tamamlandy, şol sanda:

- maşgaladaky aýallaryň saglygy we ýagdaýy baradaky barlag
- birnäçe mekdeplerde “WASH” (suw, arassaçylyk we gigiýena) baha beriş
- gözegçilik edilmeýän ykdysadyýetiň barlagy, maýyplygy bolan adamlaryň we çagalaryň ýagdaýy
- 2016-2020-nji ýyllar üçin adam hukuklary boýunça hereketleriň milli meýilnamasynyň soňky synlary
- 2015–2020-nji ýyllar üçin gender deňligi boýunça hereketleriň milli meýilnamasynyň soňky seljermesi
- MICS 6-ň tamamlanmagy.

Bu maglumatlary ýygnamak işleri degişli milli hyzmatdaşlaryň goldawy bilen 2021-nji ýylda hem dowam etdiriler. Şeýle hem BMG degişli ösüş hyzmatdaşlaryna milli barlaglary, seljermeleri, synlary we iň esasysy 2022-nji ýyldaky ilat ýazuwyny taýýarlamakda ýardam bermekligi dowam eder. Ol ösüş boýunça milli hyzmatdaşlaryň Ileri tutulýan taýdan meýilleşdirilmegi we Hökümetiň syýasatyny goldamak boýunça kararlary kabul etmek üçin, durmuş we ykdysady pudaklara maýa goýmak barada karary kabul etmekde, şol sanda hyzmatlary bermekde we demografik dinamika seslenmekde möhüm ähmiýete eýe bolar.

Mundan başga-da, BMG DÖM-iň görkezijileriniň we maksatlarynyň yzygiderli integrasiýasy üçin täze pudaklaýyn maksatnamalardan we strategiýalardan peýdalanar we iň esasy, bu maksatlara ýetmäge alyp barjak syýasat kararlaryny we ssenarilerini ara alyp maslahatlaşar.

# MALIÝE ÝAGDAÝYNA SYN WE SERIŞDELERIŇ MOBILIZASIÝASY



# MALIÝE ÝAGDAÝYNA SYN

**2020-nji ýylda BMG bilen Türkmenistanyň arasyndaky Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamany durmuşa geçirmek üçin meýilleşdirilen we özleşdirilen serişdeleriň umumy möçberi aşakdaky grafikde görkezilýär. Ýeri gelende aýtmaly zat, ýagny ýylyň dowamynda maliýe serişdeleriniň we çäreleriň köp mukdary COVID-19-ň öňüni alyş çärelerini durmuşa geçirmek ugruna gönükdirilmegidir.**

Aşakda Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamany durmuşa geçirmek üçin sarp edilen serişdeleriň, DÖM, maliýeleşdiriş çeşmeleri, geografiýasy we ýerine ýetiriji hyzmatdaşlary boýunça bölünişi görkezilýär.

**Surat 3 Zerur we elýeterli serişdeleriň umumy mukdarynyň şekillendirilişi**




Çeşme: UNINFO

**Surat 4 2020-nji ýylda sarp edilen serişdeler (DÖM, maliýeleşdiriş çeşmeleri, geografiýasy we ýerine ýetiriji hyzmatdaşlary boýunça bölünişi)**




Çeşme: UNINFO

Aşakda 2020-nji ýylda Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamany durmuşa geçirmek üçin gönükdirilen serişdeleriň bölünişi görkezilýär. BMG-niň Ýurt boýunça toparynyň iň uly goşandy 3-nji DÖM-e ýetmek üçin gönükdirildi, ýagny saglygy we abadançylygy üpjün etmek.

Türkmenistanyň ortadan ýokary girdejili ýurt statusyny göz öňünde tutup, Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamanyň esasy maliýeleşdiriş donory hökmünde Türkmenistan Hökümeti boldy. DÖM-i we benefisiarlar bilen deňeşdirilende, Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnama üçin döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegiň uly göwrümi üçin aşakdaky surata serediň.

**Surat 5 2020 ýyl, DÖM boýunça bölünişde Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamasynyň maliýeleşdirilşi**




Çeşme: turkmenistan.un.org

**Surat 6** **Iň uly maliýe çeşmesi hökmünde Hökümet bilen 2016-2020-nji ýyllar aralygynda Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamanyň bilelikde maliýeleşdirilşi**




Çeşme: turkmenistan.un.org

**Surat 7** **Çeşmeler, BMG-niň düzümleýin edaralary, milli hyzmatdaşlar boýunça serişdeleriň akymlary**




Çeşme: turkmenistan.un.org

**Surat 8** **Gyzyklanýan taraplaryň meýilnamalary durmuşa geçirmäge meýilleşdirilen we hakyky goşantlary, 2016-2020-nji ýyllar döwri üçin Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnama gol çekenler we gol çekmedikler, 2020-nji ýylda aşakdaky suratda görkezilýär (ABŞ dollarynda)**

| | BMG agentlikleri | 2020 | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýilleşdirilen | Hakyky | % | Maliýeleşdirmäge Hökümetiň gatnaşmagy |
| 1 | BMG-niň Ösüş maksatnamasy | 11,300,000 | 11,800,000 | 104 | 6,230,062 |
| 2 | BMG-niň Çagalar gaznasy | 1,900,000 | 1,808,584 | 95 | |
| 3 | Halkara migrasiýa guramasy | 386,455 | 376,284 | 97 | |
| 4 | BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi | 340,000 | 340,000 | 100 | |
| 5 | BMG-niň Ilat gaznasy | 1,535,696 | 1,535,696 | 100 | 666,726 |
| 6 | BMG-niň Bosgunlar baradaky ýokary komissary | 111,662 | 108,281 | 97 | |
| 7 | BSGG | 3,073,129 | 2,864,562 | 93 | |
| 8 | BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen guramasy | 70,750 | 37,000 | 52 | |
| 9 | BMG-niň Adam hukuklary boýunça ýokary komissarynyň müdirligi | 10,800 | 580 | 5 | |
| 10 | BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy | 257,984 | 140,890 | 55 | |
| 11 | BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy | 9,000 | 9,000 | 100 | |
| 12 | Halkara zähmet guramasy | 4,699 | 4,699 | 100 | |
| 13 | Halkara söwda merkezi | 300,000 | 300,000 | 100 | |
| 14 | BMG-niň Betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerini peseltmek boýunça müdirligi | 74,000 | 74,000 | 100 | |
| | **Jemi:** | **19,374,175** | **19,399,576** | **100.13** | **6,896,788** |

Çeşme: BMG-niň düzümleýin edaralarynyň maglumatlary

2020-nji ýylda Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin ýokarda agzalan maksatnamalaryň çykdajylaryndan başga-da, ÝUNISEF-iň üsti bilen takmynan 14 million ABŞ dollar möçberinde immunizasiýa sanjymlaryny we uny baýlaşdyrmak üçin garyndylary (premiks) satyn alyndy. ÝUNISEF-iň üsti bilen Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça Çarçuwaly Maksatnamanyň 5 ýyllyk döwründe satyn alnan sanjymlaryň we uny baýlaşdyrmak üçin garyndylaryň umumy möçberi 43,5 million ABŞ-nyň dollaryna deň boldy.

# SERIŞDELERIŇ MOBILIZASIÝASY

BMG-niň Ýurt boýunça toparynyň tagallalary bilen donorlar binýady diwersifikasiýa edildi we ýaýbaňlaşdyryldy. Berk utgaşdyrmak we toparlaýyn işlemek, BMG-niň Ýurt boýunça toparynyň Türkmenistanda alyp barýan işleri üçin serişdeleri çekmekde iň möhüm güýç boldy.

Ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk boýunça çarçuwaly maksatnamanyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, 2020-nji ýylda maksatnamany durmuşa geçirmek üçin elýeter çeşmeleri umumy zerur maliýe bilen deňeşdirilende aşakdaky **9 suratda** görkezilýär.

**Surat 9** **Bar bolan we zerur çeşmeleri deňeşdirmesi, 2020, BMG-niň ähli edaralary (ABŞ million dollarynda)**




Çeşme: UNINFO

# BMG-NIŇ INDIKI ÝYL ÜÇIN ESASY IŞ UGURLARY



**BMG bilen Hökümetiň 2021-nji ýylda hyzmatdaşlygy, DÖM-i bilen doly gabat gelýän, DÖM-e ýetmekde ýetmezçilikleri görkezýän we BMG-niň utgaşdyrylan we integrirlenen strategiýalaryny beýan edýän 2021-2025-nji ýyllar üçin ýakynda gol çekilen Hyzmatdaşlyk Çarçuwaly Maksatnamasynyň çäginde dowam etdiriler. BMG 2021-nji ýylda hyzmatdaşlygyň ýokarlanmagy we degişli meýilnamalary, şol sanda Türkmenistanda ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygyny we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Meýilnamasy we Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasyny, BMG-Hökümetiň bilelikdäki mejlisleriniň üsti bilen her çärýekde gözegçilik ediljek meýilnamalary maliýeleşdirmek arkaly milli saglygy goraýşy we COVID-19 durmuş-ykdysady ugrunda öňüni alyş çärelerini bilelikde goldamagy dowam etdirer.**

Adamlara gönükdirilen Dolandyryşa we hukugyň hökmürowanlygyna degişli 1-nji ahyrky netijäniň çäginde, esasy işler şu aşakdakylara gönükdiriler:

- Sanly hökümet we ilata netijeli hyzmat bilen üpjün etmek
- DÖM-i milli meýilnamalara we maksatnamalara girizmek
- Döwlet işgärleriniň hünär ukyplaryny, bilimlerini we amaly endiklerini ýokarlandyrmak
- Döwlet edaralary adam hukuklary, zähmet hukuklary we gender deňligi babatynda maksatnamalary we mehanizmleri netijeli durmuşa geçirýärler
- Döwlet edaralarynyň dizagregirlenen maglumatlary ýygnamak we derňemek ukybyny berkitmek.

Durnukly ykdysady diwersifikasiýa, bäsdeşlige ukyply hususy we maliýe pudaklary, söwdany giňeltmek we maýa goýumlaryny höweslendirmek boýunça 2-nji ahyrky netijä laýyklykda BMG Hökümete şu ugurlarda goldaw berer:

- Esasanam kiçi we orta telekeçiler we zenan telekeçiler üçin telekeçilik işini alyp barmak kadalaryny ýönekeýleşdirmek maksady bilen kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek
- Ilatyň ejiz toparlaryna üns bermek bilen, ykdysadyýetiň diwersifikasiýasyny we sanlaşdyrylmagyny goldamak
- Bank we maliýe ulgamlarynda innowasiýalar
- Daşary ýurt maýa goýumlaryna, ulag aragatnaşyklaryna ýardam bermek we söwda kadalaryny ýeňilleşdirmek
- Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça jikme-jik (dizagregirlenen) maglumatlary ýygnamak we seljermek we DÖM-e ýetmekde ösüş depginini ölçemek üçin döwlet edaralarynyň başarnyklaryny berkitmek.

Hyzmatdaşlyk ugrunda çarçuwaly maksatnamasyny, Daşky gurşawy dolandyrmagy we howa şertleriniň üýtgemegine durnuklylygy güýçlendirmek, 3-nji ahyrky netijäniň çäginde, BMG Hökümete aşakdaky ugurlar boýunça goldaw berer:

- suw, ýer we energiýa serişdeleri ulanmagyň durnukly usullaryny girizmek boýunça synag taslamalar bilen bagly dürli çäreleriň üsti bilen howa şertleriniň üýtgemegine uýgunlaşmaga we $CO_2$ zyňyndylaryny azaltmaga ýardam bermek;
- Saglygy goraýyş pudagy üçin howa şertleriniň üýtgemegi boýunça hereketleriň milli meýilnamasyny işläp taýýarlamak;
- «Ýaşyl mekdep» başlangyjyny durmuşa geçirmäge we Çagalara gönükdirilen Betbagtçylygyň töwekgelçiligini azaltmak boýunça strategiýasyny ösdürmäge goldaw bermek;
- Ahal, Daşoguz we Lebap welaýatlarynda oba hojalygynyň howa şertleriniň üýtgemegine, bugdaýyň posLama kesellerine, çekirtgelere garşy göreşmek boýunça ukyplary ýokarlandyrmak, durnukly balykçylyk we suw hojalygyny dolandyrmak, azyk ýitgilerini we galyndylaryny azaltmak, şeýle hem Betbagtçylygyň töwekgelçiligini azaltmak we seýsmiki töwekgelçilikleri çaklamak, gözegçilik etmek we baha bermek boýunça amaly okuwlar;
- Howa şertleriniň üýtgemegi baradaky Pariž ylalaşygy we 2-nji Milli derejede Kesgitlenýän goşantlary hasaba almak bilen, halkara şertnamalaryna laýyklykda hasabatlary täzelemek boýunça işler.

Saglygy goraýyş we durmuş taýdan üpjünçiligi ulgamlarynda ýokary hilli, inklýuziw we elýeter hyzmatlaryna bagyşlanan 4-nji ahyrky netijede BMG milli saglygy goraýyş we durmuş taýdan üpjünçilik ulgamlaryny aşakdakylaryň üsti bilen berkider:

- degişli kadalaşdyryjy we hukuk namalaryny işläp taýýarlamak, gözden geçirmek we durmuşa geçirmek; Milli immunizasiýa strategiýasy we COVID-19 garşy sanjym meýilnamasy, 2021-2025 ýyllar üçin reproduktiw saglygy, eneleriň, täze doglan çagalaryň, ýetginjekleriň saglygy boýunça Milli strategiýa we hereketleriň milli Meýilnamasy, Eneleriň we çagalaryň saglygyny we iýmitleniş ýagdaýyny gowulandyrmak, şeýle hem Aral deňzi sebitinde saglygy goraýyş hünärmenleriniň ukybyny ýokarlandyrmak boýunça sebitleýin maksatnamasy, 2020-2025-nji ýyllar üçin eneleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň iýmitleniş ýagdaýyny gowulandyrmak üçin Döwlet iýmitleniş maksatnamasy we 2021-2022-nji ýyllar aralygynda iýmitlenişde sebitleýin hyzmatdaşlyk boýunça platformasynyň sekretariaty, Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi ýaýbaňlandyrmak we goldamak baradaky kanun, 2021-2025 ýyllar üçin barlaghana ulgamlarynyň milli meýilnamasy, adamlara gönükdirilen inçekesele garşy kömek nusgalary, 2021-2025 ýyllar üçin inçekesele garşy hyzmat ediş edaralarynyň milli Ileri tutýan meýilnamasy, 2022-2025 ýyllar üçin Temmäkä garşy göreş strategiýasy, Saglyk howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça hereketleriň milli meýilnamasy, töwekgelçilikli toparlara degişli aýal-gyzlara gönükdirilen reproduktiw salgyk hyzmatlarynyň döwlet býujeti, ýatgynyň düwnük keseline garşy milli strategiýasy, 2020-2025-nji ýyllar üçin çaganyň irki ösüşi boýunça milli strategiýasy boýunça hereketleriň meýilnamasy;
- maýyplygy bolan adamlaryň iş mümkinçiligini giňeltmek we
- kanuny we kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny berkitmek we ýerli derejede durmuş hyzmatlary bermegiň täze ulgamyny ornaşdyrmak üçin institusional mehanizmlerini döretmek.

BMG-y, ýokary hilli, inklýuziw, elýeter bilim we hünär taýýarlyk ulgamlary boýunça 5-nji ahyrky netijäniň gazanylmagyna öz goşandyny goşar:

- inklýuziw bilimiň Milli konsepsiýasyny işläp taýýarlamak;
- irki bilimiň we mekdebe gitmezden öň bilimiň ýokary hilini üpjün etmek we oňa gözegçilik etmek maksady bilen 2020-2025-nji ýyllar üçin Çaganyň Irki Ösüşi boýunça Milli Strategiýany durmuşa geçirmek;
- Maýyplygy bolan çagalar üçin mekdepden öň inklýuziw bilim ugurlarynda dersara hyzmatlary we okatmak usullarynda ukyplary ösdürmek, maýyplygy bolan çagalar üçin iş üpjünçiligini we hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin hünär taýýarlygy.

Hökümeti goldamagyň çäginde BMG-niň täze Ýurt boýunça topary (UNCT) ýurduň ösüş babatynda zerurlyklaryny üpjün etmek maksady bilen BMG-niň has giňişleýin ulgamynyň we beýleki guramalarynyň hünärmenlerini çeker, şol sanda BMG-niň Ykdysady we Durmuş meseleleri boýunça bölümi, Halkara telearagatnaşyk bileleşigi, BMG-niň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasy, Halkara söwda guramasy, Ýewropa bileleşigi, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy, şeýle hem Halkara maliýe guramalary (ÝTÖB, Aziýa Ösüş banky, Halkara Pul Gaznasy, Yslam Ösüş banky, Bütindünýä banky).

# GOŞUNDY. GÖRKEZIJILER BOÝUNÇA ÖŇEGIDIŞLIK, 2016-2020-NJI ÝYLLAR

1-NJI AHYRKY NETIJE: Halkara ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli maglumatlar syýasatçylara, kanun çykaryjylara we gyzyklanýan halk wekillerine elýeter bolmak bilen, milli maksatnamalaryň, 2015-nji ýyldan soňky Durnukly ösüş maksatlarynyň, BMG-niň Ösüş üçin hyzmatdaşlyk çarçuwaly maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we täze milli strategiýalaryny we maksatnamalaryny işläp düzmek üçin peýdalanylýar

**Görkeziji 1.1 Milli statistika ulgamynyň (MSU) uýgunlaşdyrylan Bütindünýä Bahalandyrmasyndan berlen teklipleriň % görnüşinde beýany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 20 | 21.6 | 33.7 | 36.1 | 41 | 40 |

**Görkeziji 1.2 Milli strategiýalara we pudaklaýyn meýilnamalara goşulan we kabul edilen DÖM maksatly görkezijileri**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Türkmenistan tarapyndan kabul edilen DÖM maksatlary | 2016-nji ýylda geçirilen «Super Mart» -yň netijelerinden soň, DÖM-niň 169 global maksatlaryndan Türkmenistan 148-sini kabul etdi.<br><br>2017-nji ýylda geçirilen ekspres kompleksleýin bahalandyrma DÖM-ň takmynan 84% -ň milli strategiýalara goşulandygyny görkezdi | 2019-2025-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüş maksatnamasy işlenip düzüldi we DÖM goşuldy (Maksatnamanyň tekstinde daşky gurşaw bilen baglanyşykly 12 sany DÖM agzalýar) | 2019-njy ýylda geçirilen ekspres kompleksleýin bahalandyrma, DÖM-niň 85% -ň Milli maksatnamalara we DÖM görkezijileriniň diňe 29% -ň Milli maksatnamalara goşulandygyny görkezdi | 2020-nji ýylda DÖM maksatlaryny Milli meýilnamalara girizmek we indiki ädimleriň ýlalaşylmagy, şeýle hem indiki maksatnamalar üçin görkezijileriň teklipleri boýunça amala aşyrylmaly işlere gönükdirilen okuw geçirildi:<br>• 2021-2025-nji ýyllar üçin Adam hukuklary boýunça hereketleriň milli meýilnamasy<br>• 2021-2025-nji ýyllar üçin Gender deňligi boýunça hereketleriň milli meýilnamasy<br>• 2021-2025-nji ýyllar üçin adam söwdasynyň öňüni almak boýunça hereketleriň milli meýilnamasy (ýol kartasy / hereketleriň meýilnamasy işlenip düzülýär)<br>• 2020-2025-nji ýyllar üçin Reproduktiw saglygy, enäniň, çaganyň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça milli strategiýasy<br>• 2020-2025-nji ýyllar üçin Çaganyň irki ösüşiniň milli strategiýasynyň hereketler meýilnamasy<br>• 2021-2030-njy ýyllar üçin Ýokanç däl keseller boýunça strategiýasy we hereketleriň meýilnamasy<br>• 2021-2025-nji ýyllar üçin Inçekesele garşy hyzmatlar boýunça milli Ileri tutulýan meýilnama<br>• 2020-2025-nji ýyllar üçin Milli iýmitleniş maksatnamasynyň gözegçilik ulgamy<br>• 2025-nji ýyla çenli Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, ilatly nokatlaryň, etrap şäherleriniň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş we ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça milli maksatnamasy<br>• 2025-nji ýyla çenli sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça milli maksatnama<br>• «Ýer barada» kanun<br>• 2021-2025-nji ýyllar üçin tokaý maksatnamasy<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň raýat goragy we adatdan daşary ýagdaýlar boýunça meýilnamasy<br>• 2021-2025-nji ýyllar üçin ýaşlar syýasaty meýilnamasy we ony durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň meýilnamasy | Türkmenistan tarapyndan kabul edilen DÖM maksatlary |

**Görkeziji 1.3 DÖM gözegçiligi boýunça milli ulgam halkara ülňülerine laýyk gelýär**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýok | DÖM gözegçilik ulgamyny döretmek we Milli iş toparyny esaslandyrmak barada Prezidentiň Karary | Görkezijileri, jogapkär taraplary, maglumat çeşmelerini we DÖM-niň Meýletin milli synyna aýratyn üns berýän maglumatlary ýygnamagyň ýygylygyny öz içine alýan DÖM-niň milli gözegçilik ulgamy | Maksatlar boýunça yzygiderli ýygnaklar DÖM-niň görkezijilerine we maglumatlary ýygnamak boýunça jogapkär edaralaryna täzeden garamaga mümkinçilik berdi | DÖM monitoring milli maglumatlar binýadynyň işlenilmegi dowam edýär | Hawa |

2-NJI AHYRKY NETIJE: Mekdepden öň başlangyç we orta bilim bermek hyzmatlary halkara ülňülerine laýyk bolup, halkyň ähli gatlaklaryny öz içine alýan, has ýokary hilli bolmagy ileri tutulýar

**Görkeziji 2.1** **Başlangyç bilime ýazylan bäş ýaşly gyzlaryň we oglanlaryň % görnüşdäki görkezijisi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **33.5** | **46.2** | MICS (Köp görkezijili toparlaýyn barlag) 2019 | **47.6** | MICS 2019-a goşulmady. Indiki MICS-den alynar | **48** |

**Görkeziji 2.2** **Hil we öz içine alyjy bilim ülňülerini durmuşa geçirýän orta bilim edaralarynyň %-i (başlangyç synplary hem goşmak bilen)**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **4.2** | **4.2** | MICS (Köp görkezijili toparlaýyn barlag) 2019 | MICS (Köp görkezijili toparlaýyn barlag) 2019-njy ýylyň netijelerinden alynar | MICS (Köp görkezijili toparlaýyn barlag) 2019-njy ýyla goşulmady. Indiki MICS-den alynar | **5.5** |

**Görkeziji 2.3** **Orta mekdeplerde okuwçylaryň ýaşyna we jynsyna laýyklykda reproduktiw saglygyny hemmetaraplaýyn öwretmek boýunça hünär okuwyny tamamlan «Ýaşaýyş Durmuş esaslary» dersiniň mugallymlarynyň %-i**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 42 | 51 | 68 | 84 | 95 | 95 |

**Görkeziji 2.4** **Gyzlar we oglanlar, şol sanda maýyplygy bolan çagalar üçin bilim almak mümkinçiligine gözegçilik etmek ugrunda jyns we ýaş boýunça dürli maglumatlar**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Başlangyç bilimi gurşap alýan maglumatlar (Döwlet statistika komiteti, 2015 ý.) | Işlenilýär | Işlenilýär | Maglumatlar bölekleýin elýeter | Maglumatlar bölekleýin elýeter* | Bilim bilen baglanyşykly ähli TransMonee görkezijileri |

* http://transmonee.org/country/turkmenistan/

# 3-NJI AHYRKY NETIJE: Durmuş taýdan goramak ulgamy ýokary hilli, jemgyýete esaslanan goldaw hyzmatlaryny bermäge taýýar

**Görkeziji 3.1 Gender, ýaş, oba/şäher we töwekgelçilik toparlary boýunça bölünmedik durmuşy gorag ulgamlarynyň gurşawy**

| DÖM görkezijisi 1.3.1. Jyns, çagalar, pensionerler, maýyplygy bolan adamlar, göwreli aýallar, täze doglan çagalar, hünär şikesleriniň pidalary boýunça dezagregirlenen durmuş goragynyň minimal derejeleri/ ulgamlary bilen gurşalan ilatyň paýy | 01.01.2016 | 01.01.2017 | 01.01.2018 | 01.01.2019 | 01.01.2020 | 31.12.2020 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Pensiýalar** | **6.8** | **7.0** | **7.2** | **7.3** | **7.5** | **7.6** |
| Aýallary içine almak bilen | 4.3 | 4.4 | 4.5 | 4.6 | 4.7 | 4.8 |
| Maýyplyk pensiýalary | 0.6 | 0.6 | 0.7 | 0.7 | 0.7 | 0.7 |
| **Durmuş kömek puly** | **8.1** | **8.1** | **8.0** | **7.8** | **7.6** | **7.2** |
| Aýallary içine almak bilen | 7.3 | 7.3 | 7.2 | 7.0 | 6.7 | 6.3 |
| Maýyplyk pensiýalary | 1.5 | 1.6 | 1.7 | 1.8 | 1.8 | 1.9 |
| 18 ýaşdan kiçi çagalary içine almak bilen | 0.2 | 0.3 | 0.3 | 0.3 | 0.3 | 0.4 |
| Çagalara seretmek boýunça kömek puly | 2.7 | 2.7 | 2.5 | 2.3 | 2.1 | 1.8 |

**Görkeziji 3.3 Ýerlerde durmuş hyzmatlaryny nireden we nädip alyp bolýandygyny bilýän ilatyň %-i (ýaşaýan ýeri, ýaşy, jynsy we maýyplygy ýagdaýy boýunça dezagregirlenen)**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| MICS-iň (Köp görkezijili toparlaýyn barlagyň) 2018-nji ýylyň netijelerinden almak bolar | MICS-iň (Köp görkezijili toparlaýyn barlagyň) 2019-njy ýylyň netijelerinden almak bolar | MICS-iň (Köp görkezijili toparlaýyn barlagyň) 2019-njy ýylyň netijelerinden almak bolar | 81.60* | Indiki MICS-den maglumatlar. Bilelikdäki inklýuziw durmuş hyzmatlar maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde öňegidişlige garaşylýar | MICS 2019-dan maglumatlar |

**Görkeziji 3.2 Halkara ülňülerine laýyk gelýän jemgyýetçilik esasly goldaw hyzmatlarynyň bolmagy**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Hyzmatlar elýeterli däl | Işlenilýär | Jemgyýetçilik işini durmuşa geçirmek boýunça 10 ýyllyk meýilnama işlenip düzüldi | Sebit merkezlerinde durmuş hyzmatlaryny alýan adamlaryň sany:<br>Türkmenistan boýunça: 1963 — 418, 1545<br>Aşgabat: 505 — 109, 396<br>Ahal: 169 — 35, 134<br>Balkan: 130 — 25, 105<br>Daşoguz: 266 — 63, 203<br>Lebap: 507 — 133, 374<br>Mary: 386 — 54, 332<br>Halkara ülňülerine laýyk gelýän öz içine alyjy durmuş hyzmatlaryny döretmek boýunça 2020-2022-nji ýyllar üçin bilelikdäki maksatnama tassyklandy | Sebit merkezlerinde durmuş hyzmatlaryny alýan adamlaryň sany:<br>Türkmenistan boýunça: 2003 — 424, 1579<br>Aşgabat: 504 — 113, 391<br>Ahal: 164 — 33, 131<br>Balkan: 138 — 24, 114<br>Daşoguz: 269 — 64, 205<br>Lebap: 504 — 126, 378<br>Mary: 424 — 64, 360 | Durmuş hyzmatlaryny özgertmek üçin konseptual esaslaryny işläp düzmek |

* 3.3 görkeziji 2019 MICS (Köp görkezijili toparlaýyn barlagyň) Soragnamalary bilen gurşalmady, şonuň üçin 2019-njy ýylyň MICS Soragnamasyna goşulan proksi-görkeziji «Daşarky ykdysady goldaw maksatnamalaryndan habarly we haçandyr bir wagt alandyklaryny aýdýan öý-hojalyk boýunca sowalnamalaryna jogap berýänleriň göterimi»

## 4-NJI AHYRKY NETIJE: Türkmenistanyň ilaty, esasanam ejiz toparlar, aýallaryň we çagalaryň saglygyna, iýmitlenişine, ýokanç kesellere (NCD), derman serişdelerine durumly inçekesele, keselleriň ir ýüze çykarylmagy we öňüniň alynmagy meselesine üns berýän ýokary hilli saglyk hyzmatlaryndan peýdalanýarlar

**Görkeziji 4.1** **5 ýaşa çenli çagalaryň ölüminiň koefisienti**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **51** Birleşen Milletler Guramasynyň Çaga ölümine baha bermek boýunça pudagara topary (UN IGME) | **47** (UN IGME) **29** (SGweDS) | **46** (UN IGME) **31.8** (SGweDS) | **38** (MICS 2019) Saglygy goraýyş ministrliginiň maglumat-laryny göz öňünde tutup täzelenmä garaşylýar | Saglygy goraýyş ministrligin-den 2021-nji ýylyň dowamynda maglumatyň alynmagyna garaşylýar | **43.4** |

**Görkeziji 4.2** **Göwreli zenanlara göwrelilik döwrüniň 1-nji 3 aýynyň döwründäki hyzmat edilýänleriniň % görnüşindäki görkezijisi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 70 | 76 | 82 | 85 | 91 | 90 |

**Görkeziji 4.3** **Kabul edilen kliniki teswirnamalara laýyklykda hemmetaraplaýyn gyssagly akuşerçilik we täze doglan çaga idegini üpjün edýän çaga dogrulýan öýleriň % göterimdäki görkezijisi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 42 | 68 | 74 | 76 | 83 | 60 |

**Görkeziji 4.4** **Ýürek-damar kesellerinden, düwnük keselinden, süýji keselinden we dowamly dem alyş kesellerinden ölüm derejesi, %**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 24.9 | 24.5 | 24.8 | 23.2 | Işlenilýär | 14.9 |

**Görkeziji 4.5** **Ýürek keseliniň we insultyň öňüni almak üçin lukmançylyk bejergisini we maslahatlary (glisemiki gözegçiligi goşmak bilen) alýanlaryň sany, mätäçlikden, % görnüşinde**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **25** | Işlenilýär | **79.3** (ädimler, 2017-2018) | 2023-nji ýyla meýilleşdirilen | 2023-nji ýyla meýilleşdirilen | **50** |

**Görkeziji 4.6** **18-64 ýaş aralygyndaky ilat toparlarynyň arasynda temmäki ulanmagyň derejesi, %**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **8.3** | Işlenilýär | **3.4** (ädimler, 2017-2018) | 2023-nji ýyla meýilleşdirilen | 2023-nji ýyla meýilleşdirilen | **6** |

**Görkeziji 4.7** **Jynsy, ýaşy we şäher/oba toparlary boýunça inçekesel we köp dermanlara çydamly inçekesel boýunça ýagdaýlaryň derejesi, %**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **42.6**/100,000 (SGweDS 2014) | **34.1** (SGweDS, 2017) | **34.1** (SGweDS, 2018) | **32.9** (SGweDS, 2019) | 2021-nji ýylyň dowamynda Saglygy goraýyş ministrliginden maglumatlaryň alynmagyna garaşylýar | 2020 ý.a çenli **20%-i azalmagy** |

**Görkeziji 4.8** **Jyns boýunça bölünen Neonatal ölüm derejesiniň koefisienti (1000 sany diri dogluşa ölüm derejesi)**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **23** Birleşen Milletler Guramasynyň Çaga ölümine baha bermek boýunça pudagara topary (UN IGME) | **22** (UN IGME) | **22** (UN IGME) **13.6%** (SGweDS) | **22** (MICS 2019) | 2021-nji ýylyň dowamynda Saglygy goraýyş ministrliginden maglumatlaryň alynmagyna garaşylýar | **21.85** |

**Görkeziji 4.9** **Ösüşde yza galaklyk, orta we agyr, % görnüşinde, %**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **11.5** (orta dereje) **2.7** (agyr dereje) | Işlenilýär | MICS 2019 | **7.1** (orta dereje) (çeşme: MICS 2019) **2.4** (agyr dereje) (çeşme: MICS 2019) | Dowam edýär (indiki MICS 2024-nji ýyla meýilleşdirilýär) | 2020-nji ýyla **çenli 10% azalmagy** |

## 5-NJI AHYRKY NETIJE: ÝYladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we energiýa tygşytlylygy, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň ulanylmagy, şäher gurluşygy we galyndylary dolandyrmak boýunça durnukly tejribäni öňe sürmek üçin milli syýasatlar, kanunçylyk kadalary we institusional mehanizmleri täzeden seredildi

**Görkeziji 5.1 Obalary we şäherleri ösdürmekde energiýa netijeliligi boýunça durnukly başlangyçlaryny, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň ulanylyşyny, şäherleri ösdürmek we galyndylary dolandyrmak tejribesini öwrenýän, synag edýän we köpeldýän öňki we täze edaralaryň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **0** | **1**<br>• Gurluşyk we binagärlik ministrligi | **4 (+3)**<br>• Gurluşyk we binagärlik ministrligi<br>• Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi<br>• Aşgabat şäheriniň häkimligi | **7 (+3)**<br>• Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň «Täzeden dikeldilýän energiýa çeşmeleri» Ylmy we Önümçilik Merkezi<br>• Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýa merkeziniň barlaghanasy «Energiýa önümçilik we energiýa tygşytlaýyş tehnologiýasy»<br>• Türkmenistanyň Döwlet Energetika Instituty | **8 (+1)**<br>• Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň «Täzeden dikeldilýän energiýa çeşmeleri» Ylmy we Önümçilik Merkezi | **2** |

**Görkeziji 5.2 Energiýa netijeliligi, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň ulanylmagy we galyndylaryň durnukly dolandyrylmagy boýunça ülňüleri we tejribeleri öz içine alýan işlenilen ýa-da üýtgedilen döwlet kanunlarynyň, düzgünleriniň we proseduralarynyň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **0** | **4**<br>gurluşyk kadalary | **6 (+2)**<br>suw sorujylarynyň ulanylmagy boýunça düzgünler we kadalaşdyryjy namalar | **7 (+1)**<br>«Galyndylar barada» Türkmenistanyň kanunyna «Üýtgetmeleri girizmek baradaky» kanun | **8 (+1)**<br>gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri baradaky kanunyň taslamasy Mejlise girizildi | **2** |

**Görkeziji 5.3 Uglerod dioksidiniň ýyllyk zyňyndylary (million metrik tonnada) ýerli gözegçilik ulgamlarynyň kömegi bilen hasabatda beýan edildi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| **53**<br>(2010, 3-nji milli habarnama) | **Maglumat ýok** | **Maglumat ýok**<br>Howa şertleriniň üýtgemegi boýunça Milli strategiýanyň işlenilmegi başlandy | • Howa şertleriniň üýtgemegi boýunça Milli strategiýa kabul edildi<br>• BMG-niň Howanyň üýtgemegi boýunça çarçuwaly konwensiýasy (UNFCCC) boýunça 4-nji milli habarnamanyň taýýarlygy<br>• Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň meýilnamasy | UNFCCC boýunça 4-nji milli habarnama taýýarlyk görülýär | **Kesgitlenmedi**<br>(4-nji milli habarnama) |

6-NJY AHYRKY NETIJE: Milli syýasatlar, kadalaşdyryjy kanunlar we institusional mehanizmler howanyň üýtgemegine durnuklylygy, uýgunlaşmaklygy, howanyň töwekgelçiliklerini dolandyrmaklygy üpjün etmek arkaly hem-de pudaklaýyn we ýerli derejelerde betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini pese düşürmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmek arkaly howa şertleriniň üýtgemegi bilen bagly meselelere jogap berýär

**Görkeziji 6.1 Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek boýunça milli maksatnamanyň çäginde howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, tebigy baýlyklary we ekosistemanyň hyzmatlaryndan rejeli peýdalanmak boýunça milli we döwletara derejede işlenip düzülen we durmuşa geçirilýän çözgütleriň barlygy,%***

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 3 (geomembrana garşy süzgüçli plýonka, lazer usulda ýerleriniň tekizlenişini görkezmek, biokompost öndürmek we ş.m. üsti bilen suw howdanlarynda we sordoblarda suw ýitgilerini azaltmak üçin ulanylýan çözgütler) | 8 (+5) (Gökdepe etrabynda 145 gektar gözleg meýdany häzirki zaman suwaryş ulgamlary: damja, pürküji, çyzykly we eksenel oturdylan ylmy-barlag zolagy erkin işläp başlady. Iki welaýatda agro maglumat merkezleri döredildi we işleýär) | 9 (+1) (energiýa tygşytly sorujylar 5 welaýatlarda oturdylan) | 10 (+1) (uzakdaky çöl sebitlerinde gaýtadan dikeldilýän energiýany ulanyp, suwy sorujy arkaly çykarmak we süýjediji tehnologiýa görkezildi) | 10 |

**Görkeziji 6.2 Betbagtçylygyň töwekgelçiligini azaltmak (DRR) we Howanyň üýtgemeginiň töwekgelçiligini dolandyrmak (CRM) / uýgunlaşdyrylan hukuk gurallary degişli maliýe we tehniki ylalaşyklar bilen tassyklanan we durmuşa geçirilýär we gender taraplaryny öz içine alyp Betbagtçylyk töwekgelçiligini azaltmaga (DRR) we Howanyň üýtgemeginiň töwekgelçiligini dolandyrmaga (CRM) uýgunlaşma amallary bolan we degişli DRR pudagara mehanizmlerini öz içine alýan meýilnamalar işlenip düzüldi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 4 kanunlar (kanun Türkmenistanyň «Tebigaty goramak hakynda» kanunyna üýtgetmeler girizmek barada, «Daşky gurşawyň howpsuzlygy hakynda», Türkmenistanyň «Ýer hakynda bitewi kanunyna», «Döwlet ýer kadastryna» üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada) | 6 (+2) kanunlar (Oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi barada, Türkmenistanyň «Ýer hakynda bitewi kanunyna» üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada) | 7 (+1) kanunlar we 2 meýilnama (Milli strategiýa, 2019-2030-njy ýyllar üçin raýat goragy pudagynda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary, BMG bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy we çäreleri görmek boýunça Özara düşünişmek barada Ähtnama) | 8 (+1) «Adatdan daşary ýagdaýlarda halkara ynsanperwer kömegi baradaky» Türkmenistanyň kanuny | 3 Kanun we 2 pudaklaýyn meýilnama |

**Görkeziji 6.3 Howanyň üýtgemegine durnuklylygy we oňa uýgunlaşmagyny gowulandyrmak boýunça sebitleýin tagallalary goldamak üçin suw serişdeleri we howanyň üýtgemegi ulgamlaryndaky serhetara başlangyçlarynyň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 0 | 2 (ÝUNISEF – howanyň üýtgemegini hasaba almak bilen daşky gurşawy goramak boýunça täzelenen okuw meýilnamalary) | 6 (+4) (Sebitleýin daşky gurşaw we durnukly ösüş maksatnamasy (EEPAP); Aral deňziniň sebitine ýardam bermek maksatnamasy (ASBP-4); Aral deňziniň sebitinde howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we täsirleri peseltmek maksatnamasy (CAMP4ASB); «Klimat boks» atly sebitleýin maksatnama; (UNDRR) Betbagtçylyklara garşy durnuklylygy güýçlendirmek we Merkezi Aziýada betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak üçin Sendaý çarçuwasynyň durmuşa geçirilmegini çaltlaşdyrmak) | 9 (+3) (Sebit taslamalary: Ýer serişdelerini dolandyrmak boýunça Merkezi Aziýa ýurtlarynyň başlangyjy (CACILM II) we Merkezi Aziýa çöl başlangyjy (CADI) we Amyderýanyň aşak akymlarynda ekosistema ýer ulanylyşy we ekosistemany goramak) | 2 |

* Görkeziji howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, tebigy baýlyklary we ekosistemanyň hyzmatlaryny durnukly dolandyrmak üçin milli we döwletara derejesinde işlenip düzülen we durmuşa geçirilýän çözgütleriň sany hökmünde hasaplanýar. Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmek boýunça Milli maksatnama ýok

## 7-NJI AHYRKY NETIJE: Durnukly ykdysady diwersifikasiýa arkaly ýokary hilli, ilatyň ejiz toparlaryny öz içine alýan iş üpjünçiligini ösdürmek üçin strategiýalary we ýönekeýleşdirilen düzgünleri durmuşa ornaşdyrmak

**Görkeziji 7.1 Harytlaryň import, eksport edilmegini we erkin hereketini ýeňilleşdirmek üçin kämilleşdirilen we ýönekeýleşdirilen hukuk gurallarynyň (ýa-da çäreleriniň), kadalaşdyryjy namalarynyň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 2 maksatnama:<br>• eksporta gönükdirmek<br>• importyň ornuny tutmak | 4 (+2)<br>• 2 döwlet maksatnamalary<br>• 2 düzgünnama | 6 (+2)<br>• 2 sany döwlet maksatnamalary<br>• 4 düzgünnama | +3 kanun:<br>• Türkmenistanyň Erkin ykdysady zolaklar hakynda kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda kanun<br>• Türkmenistanyň Söwda işleri hakynda kanunyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda kanun<br>• «Eýeçilik baradaky» kanun | +3 kanun we 3 kadalaşdyryjy namalar:<br>• «Türkmenistanyň salgyt kodeksine üýtgetmeler girizmek barada» Türkmenistanyň kanuny<br>• Türkmenistanyň «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta gözegçiligi baradaky» kanunyna Üýtgetmeler girizmek baradaky Türkmenistanyň kanuny<br>• Türkmenistanyň «Elektron resminama, elektron resminamalary dolandyrmak we sanly hyzmatlar baradaky» kanuny<br>• Prezidentiň «Eksport önümleriniň kepillendirilen görnüşleri baradaky» kararyny güýjüni ýitiren hasaplamak baradaky Prezidentiň karary<br>• Harytlaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak we olaryň importyny we eksportyny kadalaşdyrmak boýunça Pudagara toparynyň tassyklamagy baradaky Prezidentiň karary<br>• Daşary ýurtlarda önümleriň satuwyna gözegçilik etmek boýunça komissiýa döretmek baradaky Prezidentiň karary | 4 |

**Görkeziji 7.2 Uglewodorod däl pudaklaryň Jemi içerki önüme düşýän paýy, % görnüşinde**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 73.1 | 82.2 | 81.9 | 83.5 | 88 | 80 |

**Görkeziji 7.3 Milli we ýerli derejelerde ykdysady diwersifikasiýa bilen baglanyşykly täze başlangyçlary synagdan geçirmäge gönükdirilen kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek boýunça döwlet, pudaklaýyn, sebitleýin maksatnamalaryň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 2<br>• Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça 2011-2015-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasy<br>• Türkmenistanda kärhanalary we döwlet eýeçiligindäki desgalary hususylaşdyrmak boýunça 2013-2016-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy | – | 3<br>• 2018-2024-nji ýyllar üçin kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek maksatnamasy<br>• Kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin gazna döredildi<br>• Kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin döwlet topary döredildi | 7 (+4)<br>• «Türkmenistanyň Senagatçylar we Telekeçiler Bileleşigi baradaky» Kanunynyň täze redaksiýasy<br>• Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet edaralaryny hususylaşdyrmak baradaky karary<br>• Sowadyjy we maldarçylyk desgalaryny hususy pudaklara geçirmek baradaky Prezidentiň karary<br>• Prezidentiň paýdarlar jemgyýetleri baradaky karary: Demir ýol, Transport | 9 (+2)<br>• Türkmenistanyň ýiti ýokanç kesellere garşy göreşmek boýunça meýilnamasy<br>• Global pandemiýa durmuş-ykdysady çäreleri görmegiň meýilnamasy | 4 |

**Görkeziji 7.4 Ykdysadyýeti diwersifikasiýa etmek çäreleriniň durmuşa geçirilmegi netijesinde döredilen täze iş orunlarynyň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 10,897 | 7,268 | 10,473 | 10,748 | 12,006 | 92,984 |

**Görkeziji 7.5 Maýyplygy bolan adamlaryň iş üpjünçilik hukuklaryny durmuşa geçirmek üçin şertleri we mümkinçilikleri döretmek boýunça Hereketleriň milli meýilnamasy işlenip düzüldi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 2015-2020 ý.lar üçin Türkmenistanda iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak we täze iş ýerlerini döretmek boýunça maksatnamasy | Maksatnamanyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabat Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan hödürlendi | Maksatnamanyň ýerine ýetirilişi baradaky hasabat Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan hödürlendi | Kwotalaryň kadalaşdyrylşy dowam edýär | Kwotalara laýyklykda mätäçleri iş bilen üpjün etmek **4,2%**-ini düzdi, olaryň:<br>• **2.7%** – maýyplyk derejesini alan adamlar<br>• **5.2%** – birinji gezek iş gözläp başlan ýetim çagalar<br>• **22.8%** – ýekelikde bir ýa-da birnäçe kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary terbiýeleýän ene-atalar ýa-da hossarlar<br>• **69.3%** – beýleki mätäç raýatlar (kärhananyň ýapylmagy, iş ýerleriniň kesilmegi ýa-da işiň gutarmagy sebäpli işini ýitirenler, pes girdejili maşgalalaryň ýa-da beýleki ejiz toparlaryň raýatlary) | Maksatnama durmuşa geçirildi |

**Görkeziji 7.6 2017-2021-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşiň milli maksatnamasy işlenip düzüldi we durmuşa geçirilişiň gidişini ölçemek üçin gözegçilik ulgamy döredildi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-2016-njy ýyllar üçin ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasy | Işlenilýär | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-2024-nji ýyllar we 2019-2025-nji ýyllar üçin ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasy tassyklandy | Maksatnama 2019-2025-nji ýyllar üçin tassyklandy | Jogapkärli döwlet edaralary iş meýilnamalaryny Maksatnamanyň maksatlaryna laýyklykda işläp düzýärler, işleriň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçilik edýärler we hökümetiň yzygiderli ýygnaklarynda işleriň gidişi barada hasabat berýärler | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamasy |

8-NJI AHYRKY NETIJE: Döwlet edaralary kanunlary, milli maksatnamalary we strategiýalary hemme taraplary gatnaşdyrmak görnüşinde we ýurduň adam hukuklary borçnamalaryna laýyklykda durmuşa geçirýär we gözegçilikde saklaýar

**Görkeziji 8.1 BMG-niň adam hukuklary ülňülerine laýyklykda işlenip düzülen we jyns taýdan duýgur täze kanunlaryň we düzedişleriň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 7 Kanun Türkmenistanyň, поправки we дополнения:<br>• Konstitusiýasy<br>• Deňlik we erkekler we aýallar üçin deň mümkinçilikler baradaky<br>• Iş üpjünçiligi baradaky<br>• Adalatçy hakynda<br>• Meýletinlik işi baradaky<br>• Ilatyň durmuş taýdan goragy baradaky<br>• Jenaýat Kodeksi | 5 Kanun Türkmenistanyň, поправки we дополнения:<br>• Şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi we ony goramak hakynda maglumatlar boýunça<br>• Bosgunlar hakynda (täze neşiri)<br>• Zähmet kodeksine üýtgetmeler<br>• Hossarlyk we howandarlyk<br>• Administratiw proseduralar boýunça | 7 Kanun Türkmenistanyň, поправки we дополнения:<br>• Maşgala kodeksine üýtgetmeleriň girizilmegi<br>• Türkmenistanda aklawçylyk we aklawçylyk işi baradaky<br>• Adam söwdasyna garşy göreşmek baradaky<br>• Bilim baradaky<br>• Ilatyň iş üpjünçiligi baradaky<br>• Mahabat baradaky» kanunyna üýtgetmeler<br>• Ilatyň durmuş taýdan goragy baradaky | 5 Kanun Türkmenistanyň, поправки we дополнения:<br>• Türkmenistanyň Zähmet kodeksine<br>• Jenaýat kodeksine<br>• Durmuş taýdan üpjünçiligi Kodeksine<br>• Psihologiki hyzmatlar hakyndaky kodeksine<br>• Raýat ýagdaýy baradaky namalaryna üýtgetmeler girizmek baradaky kanunlary | 14 Kanun Türkmenistanyň, поправки we дополнения:<br>• Elektron resminamalary dolandyrmak baradaky<br>• Daşky gurşaw maglumatlary baradaky<br>• Hukuk bozmalaryň öňüni almak hakyndaky<br>• Bedenterbiýe we sport baradaky<br>• Adatdan daşary ýagdaýda halkara ynsanperwer kömegi hakyndaky<br>• Milli Geňeş baradaky<br>• Konsullyk gullugy baradaky kanunlary<br>• Ýaşlaryň işlemek hukugy baradaky kanunlaryna üýtgetmeler<br>• Goşmaçalar girizmek baradaky kanunlar, şol sanda Jemgyýetçilik birleşikleri<br>• Salgyt Kodeksi<br>• Zähmet kodeksi<br>• Bilim hakda<br>• Saýlaw kodeksi<br>• Konstitusiýa barada | 4 |

**Görkeziji 8.2 Adam hukuklary boýunça milli meýilnamalaryň tassyklanan sany we ýerine ýetirilen işleriň göterimi**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 3<br>2015 (1)<br>2016 (2) | 3<br>2015 (1)<br>2016 (2) | 1 | 4<br>• 2020-2022-nji ýyllar üçin adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça HMM<br>• 2020-2022-nji ýyllar üçin zorlukly ekstremizmiň öňüni almak we terrorçylyga garşy göreşmek boýunça milli strategiýasy<br>• 2020-2025-nji ýyllar üçin Çaganyň irki ösüşi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasy<br>• 2019-2024-nji ýyllarda raýatlygy ýok etmek boýunça HMM | 1<br>GDHMM 2021-2025 | 4 |
| % Gender boýunça HMM (2015-2020) | 44% | 60% | 90% | 95% | 65% |
| % AH boýunça HMM (2016) | 20% | 60% | 90% | 95% | 65% |
| % AS boýunça HMM (2016-2018) | 65% | 90% | 100% | | 90% |
| % Çaganyň hukuklary boýunça HMM (2018) | - | 10% | Ýol kartasy işlenip düzüldi | 40% | 10% |
| % AS boýunça HMM (2020-2022) | | | HMM tassyklandy | 25% | 10% |
| % GD boýunça HMM (2021-2025) | | | | HMM tassyklandy | |

**Görkeziji 8.3 Milli maksatnamalaryň düzülmegine we durmuşa geçirilmegine gatnaşýan aýal-gyzlary, ýaşlary, çagalary we maýyplygy bolan adamlary wekillendirýän raýat jemgyýetçilik guramalarynyň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 5<br>• Türkmenistanyň Milli Gyzyl Ýarymaý Jemgyýeti<br>• Türkmenistanyň zenanlar Bileleşigi<br>• «Keyik Okara»<br>• «Yenme»<br>• «Ynam» | 9<br>• Türkmenistanyň Milli Gyzyl Ýarymaý Jemgyýeti<br>• Türkmenistanyň zenanlar Bileleşigi<br>• Türkmenistanyň Ýaşlar Guramasy<br>• Maýyplygy bolan adamlara goldaw bermek merkezi<br>• Adwokatlar Kollegiýasy<br>• «Yenme»<br>• «Ynam»<br>• «Keyik Okara»<br>• «Maşgala» | 9<br>• Türkmenistanyň Milli Gyzyl Ýarymaý Jemgyýeti<br>• Türkmenistanyň zenanlar Bileleşigi<br>• Türkmenistanyň Ýaşlar Guramasy<br>• Maýyplygy bolan adamlara goldaw bermek merkezi<br>• Adwokatlar Kollegiýasy<br>• «Yenme»<br>• «Ynam»<br>• «Keyik Okara»<br>• «Maşgala» | 19<br>• Türkmenistanyň Milli Gyzyl Ýarymaý Jemgyýeti<br>• Türkmenistanyň zenanlar Bileleşigi<br>• Türkmenistanyň Ýaşlar Guramasy<br>• Senagatçylar we telekeçiler birleşigi, kärdeşler arkalaşygy<br>• Kerler we körler jemgyýeti<br>• Maýyplygy bolan adamlaryň jemgyýeti<br>• Maýyplygy bolan adamlara goldaw bermek merkezi<br>• Körler üçin küşt merkezi<br>• Maýyplygy bolan adamlar üçin sport we saglygy dikeldiş kluby<br>• Lilliputlar jemgyýeti<br>• Maýyplygy bolan adamlar üçin reabilitasiýa merkezi<br>• Adwokatlar Kollegiýasy<br>• «Yenme»<br>• «Ynam»<br>• «Keyik Okara»<br>• «Maşgala»<br>• «Täze Zaman»<br>• Milli paralimpiýa komiteti | 9<br>• Türkmenistanyň Milli Gyzyl Ýarymaý Jemgyýeti<br>• Türkmenistanyň zenanlar Bileleşigi<br>• Türkmenistanyň Ýaşlar Guramasy<br>• Senagatçylar we telekeçiler birleşigi, kärdeşler arkalaşygy<br>• Kerler<br>• Körler jemgyýeti<br>• Adwokatlar Kollegiýasy<br>• «Yenme»<br>• «Ynam» | 10 |

**Görkeziji 8.4 Serhetara ýüze çykýan meseleleri, şol sanda harytlaryň we adamlaryň kanuny akymlaryny hemmetaraplaýyn çözmäge kömek edip biljek durmuşa geçirilýän täze başlangyçlaryň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 84 | 108 | 127 | 127 | 3 |

**Görkeziji 8.5 Hyzmat etmegiň netijeliligini we hasabatlylygyny ýokarlandyrmak üçin döwlet dolandyryşyny sanlaşdyrmak boýunça programmalarynyň we hyzmat merkezleriniň girizilen sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 1<br>Sanly bilim ulgamynyň ösüş konsepsiýasy | 1<br>Sanly ykdysadyýet konsepsiýasy | 1<br>Elektron görnüşinde ilata jemgyýetçilik hyzmatlaryny bermek invest.gov.tm https://e.gov.tm/ru/ | 2<br>• Sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça pudagara komissiýa<br>• Türkmenistanyň «Elektron resminama, elektron resminamalary dolandyrmak we sanly hyzmatlar baradaky» kanuny | 2 |

**Görkeziji 8.6 Adalatyň elýeterliligini giňeltmek üçin hukuk goraýjy edaralary we kazyýet ulgamlaryny pugtalandyrmak boýunça täze başlangyçlaryň sany**

| Başlangyç, 2016 ý. | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 | Maksat, 2020 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | 1 (2017-2021-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň kazyýet ulgamyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasy) | 1 (Adam söwdasy bilen baglanyşykly jenaýat işlerini derňemek, kazyýet işini gozgamak, kazyýet çözgütlerini çykarmak meseleleri boýunça hukuk goraýjy edaralara, kazyýet edaralaryna we aklawçylara goldaw bermek) | 9 (Türkmenistanyň kanunçylygyna üýtgetmeler girizmek baradaky teklipler) | 5 (hukuk goraýjy we kazyýet edaralaryny güýçlendirmek boýunça başlangyçlar we ýygnaklar) | 2 |

# 2020-NJI ÝYLYŇ NETIJELERI BOÝUNÇA ÝYLLYK HASABATY

BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY TÜRKMENISTANDA

2021-nji ýylyň mart aýy

**Fotosuratlaryň eýeleri:**
BMG Türkmenistan, BMGÖM Türkmenistan, ÝUNISEF Türkmenistan,
ÝUNFPA Türkmenistan/Sergey Mirzoýew, BSGG Türkmenistan,
HMG Türkmenistan, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi Türkmenistan